ÝHHG

Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy

# ÝHHG-NIŇ ÝEŇIL WE ATYJY ÝARAGLAR HAKYNDAKY RESMINAMASY

ÝHHG

Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy

# ÝHHG-NIŇ ÝEŇIL WE ATYJY ÝARAGLAR HAKYNDAKY RESMINAMASY

Bellik. Bu resminama 2000-nji ýylyň 24-nji noýabrynda ÝHHG-niň Howpsuzlyk hyzmatdaşlygy boýunça forumynyň 308-nji umumy mejlisinde kabul edildi (ser. FSC.JOUR / 314); 2012-nji ýylyň 20-nji iýunynda Howpsuzlyk boýunça Hyzmatdaşlyk Forumynyň 686-njy umumy mejlisinde kabul edilen Ýeňil we Atyjy ýaraglar baradaky ÝHHG-niň resminamasyny täzeden neşir etmek baradaky HBHF-nyň 3/12 kararyna laýyklykda täzeden neşir edildi (FSC.JOUR / seret) 692).

FSC.DOC / 1/00 / Täz. seredilen 1

2012-nji ýylyň 20-nji iýuny

TÜRKMEN DILINDE

Asyl nusgasy: IŇLIS DILINDE

FSCRW231v2

MAZMUNY


Sah.1

SÖZBAŞY........................................................................................... 1

I. UMUMY MAKSATLAR WE ÝUMUŞLAR........................................................2

II. BIKANUN DOLANYŞYGYŇ ÄHLI UGURLARYNA GARŞY GÖREŞ:

ÖNÜMÇILIK, BELGILEMEK WE HASABA ALMAK..........................................3

Giriş.....................................................................................................3

A) Atyjy ýaraglaryň öndürilmegine milli gözegçilik..............................................4

B) Atyjy ýaraglaryň belgilenmegi.................................................................4

C) Hasaba almak.....................................................................................4

D) Aç-açanlygy üpjün etmek çäreleri.............................................................4

III. BIKANUN DOLANYŞYGYŇ ÄHLI UGURLARYNA GARŞY GÖREŞ:

UMUMY EKSPORT ÖLÇEGLERI (TALAPLARY) WE EKSPORT GÖZEGÇILIGININ ÇÄRELERI...................................................................5

Giriş.....................................................................................................5

A) Umumy eksport ölçegleri (talaplary).........................................................5

B) Eksportyň, Importyň we Tranzitiň (üstaşyr geçirmek) ýerine ýetiriliş tertibi..........7

C) Eksport, Import we Tranzit (üstaşyr geçirmek) üçin resminamalar........................8

D) Ýarag bilen bagly geleşikleriň halkara araçylaryň işine gözegçilik.........................9

E) Hukuk goraýjy pudagynda hyzmatdaşlygy kämilleşdirmek...................................9

F) Maglumat alyş-çalşygy we beýleki aç-açanlygy üpjün etmek boýunça çäreler......10

IV. ÄTIÝAÇLYK GORLARYNY DOLANDYRMAK, ARTYKMAÇLYKLARY ARADAN AÝYRMAK WE ÝOK ETMEK................................................11

Giriş.....................................................................................................11

A) Artykmaçlyklaryň barlygynyň görkezijileri...................................................11

B) Milli ätiýaçlyk gorlarynyň dolandyrylyşyny kämilleşdirmek we olaryň howpsuzlygyny ýokarlandyrmak..................................................................12

C) Ýok etmek we ýaragsyzlandyrmak...........................................................12

D) Maliýe we tehniki kömek.......................................................................13

E) Aç-açanlygy üpjün etmek çäreleri.............................................................13

V. IRKI (ILKINJI) DUÝDURYŞ, JEDELLERIŇ ÖŇÜNI ALMAK, ÇÖKGÜNLIKLERI DOLANDYRMAK WE JEDELLERDEN SOŇKY DIKELDIŞ.............................................................................................14

Giriş.....................................................................................................14

A) Irki (ilkinji) duýduryş we jedelleriň öňüni almak........................................................14

B) Jedellerden soňky dikeldiş..........................................................................................14

C) Baha bermegiň teklip beriş çäreleri..............................................................................15

D) Çäreler...............................................................................................................15

E) Jedellerden soňky dikeldiş döwründe ätiýaçlyklary dolandyrmak we olary ýok etmek.......................................................................................................16

F) Soňraky edilmeli işler........................................................................................17

VI. JEMLEÝJI DÜZGÜNLER.................................................................................17



GOŞUNDYLAR

Goşundy I: Ýeňil we atyjy ýaraglar (ÝAÝ) barada maglumat alyş-çalşygy

Goşundy II: ÝAÝ eksport üçin barlag çäreleri we soňky ulanyjynyň şahadatnamalarynyň nusgawy elementleri baradaky №5/04 Karar

Goşundy III: Ýeňil we atyjy ýarag bilen bagly gekeşikleriň araçylarynyň işlerine gözegçilik etmek boýunça ÝHHG-niň ýörelgeleri baradaky №8/04 Karar

Goşundy IV: Göçme zenit raketa toplumlarynyň eksportynyň gözegçiligi boýunça ÝHHG-niň ýörelgeleriniň täzelenmegi baradaky №5/08 Karar

Goşundy V: Ýeňil we atyjy ýaraglaryň howa ulaglary arkaly durnuksyz geçirilmeginiň öňüni almak üçin öňdebaryjy tejribäni girizmek we degişli sowalnama baradaky №11/08 Karar

Goşundy VI: HBHF-nyň Ýeňil we atyjy ýaraglar baradaky ÝHHG-niň resminamasynyň V bölüminiň ýerine ýetirilişi boýunça bilermenleriň maslahaty esasynda № 15/02 Kararynyň täzelenmegi baradaky №11/09 Karary

# ÝHHG-NIŇ ÝEŇIL WE ATYJY ÝARAG HAKYNDAKY RESMINAMASY

## SÖZBAŞY

1. Ýewropadaky Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň agza döwletleri (ÝHHG),

2. 1996-njy ýyldaky Lissabon resminamasynyň №8/96 “Ýaraglara gözegçilik etmegiň konseptual binýady” Kararyna şeýle hem,1999-njy ýylyň noýabr aýynda Stambul şäherinde geçirilen ÝHHG-niň Ýokary derejedäki duşuşygynda Döwlet we Hökümet baştutanlary tarapyndan tassyklanan ÝHHG-niň Howpsuzlyk Boýunça Hyzmatdaşlyk Forumynyň №6/99 Kararyna salgylanmak bilen,

3. Öndürilen ýa-da harby maksatly döredilen (skonstruirlenen) (mundan beýläk “atyjy ýarag” diýlip atlandyrylýar) ýeňil we atyjy ýaraglar* babatynda degişli çäreleri kabul etmek arkaly agza döwletleriň arasynda ynamy we howpsuzlygy berkitmegiň zerurdygyny ykrar etmek bilen,

4. Beýleki halkara forumlarynda atyjy ýaraglar bilen baglanyşykly meseleleri çözmekde gazanylan üstünlikleri ýada salmak we bu üstünliklere ÝHHG tarapyndan goşant goşmagyny maksat edinmek bilen,

5. Şeýle hem ÝHHG-nyň, Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň VIII bölüminiň çäklerinde sebitleýin ylalaşyk hökmünde Birleşen Milletler Guramasynyň çarçuwasynda ýeňil we atyjy ýaraglaryň bikanun söwdasy bilen baglanyşykly alyp barýan işleriniň ähli ugurlarynda öz agramly goşandygyny goşup biljegini göz öňüne tutmak bilen,

6. Indiki bölümlerde görkezilen kadalary, ýörelgeleri we çäreleri kabul etmek we durmuşa geçirmek kararyna geldiler.

---

* Ýeňil we atyjy ýaraglarynyň entek halkara derejesinde ykrar edilen kesgitlemesi ýok. Bu resminama ýaraglaryň aşakdaky kategoriýalary bilen baglanyşyklydyr, ol geljekde halkara derejesinde ýeňil we atyjy ýaraglaryň nähili kesgitlemesiniň kabul ediljegine karar bermeýär. Geljekde bu kategoriýalar anyklanyp bilner we halkara kesgitlemesi kabul edilen ýagdaýynda, şoňa görä täzeden gözden geçiriler.

Bu resminamanyň maksatlary üçin - ýeňil we atyjy ýaraglar - ölüm howpuny göteriji uruş ýaragy hökmünde ulanmak üçin öndürilen ýa-da harby aýratynlyklara laýyklykda üýtgedilen göçme ýaraglardyr. Atyjy ýaraglar, giň manysynda harby ýa-da howpsuzlyk güýçleriniň çäginde şahsy ulanyş üçin niýetlenen ýaraglary aňladýar. Oňa sapançalar we öz-özüni oklaýan pistoletler; tüpeňler we karabinlar; awtomatlar, awtomatiki tüpeňler, şeýle hem ýeňil pulemýotlar girýär. Ýeňil ýaraglar, giň manysynda topary düzýän birnäçe adam tarapyndan harby ýa-da howpsuzlyk güýçlerinde toparlaýyn ulanmak üçin niýetlenen ýaraglardyr. Olara: agyr pulemýotlar, el/nilasty oturdylan granatomýotlar, göçme zenit pulemýotlar, tanklara garşy ýaraglar, top depmeýän ýaraglar, göçme tanklara garşy raketa toplumlary, göçme zenit raketa toplumlary we kalibri azyndan 100 mm-den bolan minomýotlar girýär.

# I BÖLÜM. UMUMY MAKSATLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Agza döwletler atyjy ýaraglaryň çenden aşa we durnuksyz toplanmagy we gözegçiliksiz ýaýramagy soňky döwürlerde köp sanly ýaragly jedelleriň güýçli depginlilikde we dowamlylygynyň ýokarlanmagyna täsirini ýetirýändigine düşünýärler. Bu mesele halkara jemgyýetçiligini alada goýýar, sebäbi bu ýagdaý parahatçylyga howp salýar hem-de bitewi we hemmetaraplaýyn howpsuzlygy üpjün etmek tagallalaryna zyýan ýetirýär.

2. Agza döwletler görkezilen meseleleriň çözülmeginde hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlyk etmäge razylaşýarlar. ÝHHG-niň hyzmatdaşlyga esaslanýan Howpsuzlyk konsepsiýasyna laýyklykda hereket etmek we beýleki halkara forumlar bilen bilelikde bu meseläniň ähli taraplaryny öz içine alýan kadalary, ýörelgeleri we çäreleri işläp düzmek barada ylalaşýarlar. Olara atyjy ýaraglary öndürmek we belgilemek, hemişelik we takyk hasabaty ýöretmek, kiçi ýaraglaryň eksporty we importy bilen baglanyşykly milli täsirli çäreler we resminamalar tarapyndan üpjün edilýän geçiriş bilen baglanyşykly aç-açanlyk we eksportyň gözegçilik ölçegleri (meselem, täjirçilik we täjirçilik däl import we eksport) degişlidir. Bularyň hemmesini - milli ätiýaçlyk gorlaryny dogry dolandyrmak we olaryň howpsuzlygyny üpjün etmek we olary kiçi ýaraglaryň global artykmaçlyklaryny azaltmak ýaly täsirli çäreler bilen utgaşdyrmak – görkezilen meseleleriň islendik çözgüdiniň aýrylmaz bölegidir. Şeýle hem olar, atyjy ýaraglaryň meselelerini çözmek ÝHHG-niň irki (ilkinji) duýduryş, jedelleriň öňüni almak, çökgünlikleri dolandyrmak we jedellerden soňky dikeldiş boýunça has giň tagallalarynyň aýrylmaz bölegi bolmalydygy bilen ylalaşýarlar.

3. Hususan-da, agza döwletler şular ýoçunça borçlanýarlar:

(i) atyjy ýaraglara gözegçilik etmek, şol sanda öndürmek, degişli ýagdaýda belgilemek we hemişelik we takyk hasabaty ýöretmek ýaly milli çäreleri döretmek we durmuşa geçirmek arkaly (ikisi hem atyjy ýaraglaryň has täsirli yzarlanmagyna goşant goşýar) netijeli eksport gözegçiligi, serhet we gümrük mehanizmleri, halkara, sebit we milli derejede hukuk goraýjy we gümrük edaralarynyň arasynda hyzmatdaşlygy we maglumat alyş-çalşygyny ýokarlandyrmak arkaly bikanun dolanyşygyň ähli ugurlaryna garşy durmaga;

ii) Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasyna laýyklykda ýa-da ÝHHG-niň çarçuwasynyň çäginde atyjy ýaraglaryň çenden aşa we durnuksyz toplanmagyny we gözegçiliksiz ýaýramagyny azaltmaga we öňüni almaga milli we köpçülikleýin goranmagyň kanuny zerurlyklaryny, içerki howpsuzlygy we parahatçylyk amallaryna gatnaşygy nazara almak bilen ýardam bermäge;

iii) ýokardaky 3ii kiçi bentde kesgitlenişi we degişli halkara we sebit eksport ölçeglerine (talaplaryna), hususan-da, 1993-nji ýylyň 25-nji noýabrynda Howpsuzlyk sebitindäki Hyzmatdaşlyk Forumy tarapyndan kabul edilen “Adaty ýaraglaryň geçirilmegini düzgünleşdirýän ýörelgeler” atly resminamasyna laýyklykda ýaraglaryň öndürilmegini, geçirilmegini we ätiýaçda saklanmagyny üpjün etmek üçin degişli çäklendirmeleri ulanmak;

(iv) atyjy ýaraglar babatynda degişli çäreleri görmek arkaly ynamy, howpsuzlygy berkitmek we aç-açanlygy ýokarlandyrmak;

(v) ÝHHG-niň degişli forumlarynda, howpsuzlyk baradaky giňişleýin düşünjesine eýerip, ol ýa-da beýleki ýurduň howpsuzlyk ýagdaýyna umumy baha bermegiň çäginde atyjy ýarag meselesi bilen baglanyşykly aladalary göz öňünde tutmagyny we ol babatynda (kömek edip biljek, peýdaly bolup biljek) amaly çäreleri geçirmegini üpjün etmek;

vi) ýaragly (jedeller) çaknyşyklaryň tamamlanýan tapgyrlarynda atyjy ýaraglara degişlilikde çäreleri işläp düzmek, şol sanda bu ýaraglary ýygnamak, olary howpsuz saklamak we ýaragsyzlandyrmalary bilen baglanyşyklykda ýaraglary ýok etmek, demobilizirlemek (parahatçylyk halyna geçirmek) we söweşijileriň sosial reintegrasiýasy (ÝD&R).

## II BÖLÜM. BIKANUN DOLANYŞYGYŇ ÄHLI UGURLARYNA GARŞY GÖREŞ: ÖNÜMÇILIK, BELGILEMEK WE HASABA ALMAK

### Giriş

1. Bikanun dolanyşygyň ähli ugurlaryna garşy göreşmek, atyjy ýaraglaryň durnuksyz toplanmagy we gözegçiliksiz ýaýramagy meselesini çözmek üçin zerur bolan islendik hereketleriň möhüm elementidir. Bikanun dolanyşyga garşy göreşmek üçin önümçiligiň milli gözegçiligi hökmany suratda gereklidir. Mundan başga-da, bu resminamada görkezilişi ýaly, atyjy ýaraglaryň dogry belgilenmegi takyk we üznüksiz hasabatyň ýöredilmegi we maglumatlary paýlaşmak bilen birlikde, derňew bilen meşgullanýan degişli edaralara bikanun atyjy ýaraglary yzarlamaga we kanuny ýaraglar bikanun bazara tarap gönükdirilen ýagdaýynda, onuň haýsy tapgyrda bolup geçendigini anyklamaga kömek eder.

2. Şonuň üçin bu bölümde atyjy ýaraglary öndürmek, belgilemek we hasaba almak bilen baglanyşykly kadalar, ýörelgeler we çäreler beýan edilýär.

### A) Atyjy ýaraglaryň öndürilmeginiň milli gözegçiligi

1. Agza döwletler atyjy ýaraglaryň täsirli milli gözegçiligini - ýaraglary öndürmäge ygtyýarna–alary we rugsatnamalary bermek, olary yzygiderli gözden geçirmek we täzelemek arkaly üpjün etmäge ylalaşýarlar. Ygtyýarnamalar we rugsatnamalar olaryň ilki berlen şertleriniň ýerine ýetirilmedik halatynda ýatyrylmalydyrlar. Agza döwletler bikanun önümçilik bilen meşgullanýanlaryň yzarlanmagynyň degişli jenaýat kodeksleri esasynda amala aşyrylyp bilinjekdigini we amala aşyrylmagyny üpjün ederler.

### B) Atyjy ýaraglary belgilemek

1. Her bir agza döwletiň çäginde öndürilen ýa-da ulanylýan atyjy ýaraglar üçin bellik ulgamynyň aýratyn häsiýeti şol döwletiň özi tarapyndan kesgitlenýän bolsa-da, agza döwletler 2001-nji ýylyň 30-njy iýunyndan soň öz çäklerinde öndürilen ähli atyjy ýaraglarynda olaryň anyk birligini yzarlamaga kömek edip biljek belgini üpjün etmäge ylalaşýarlar. Belgide iň azyndan, derňew geçirýän edaralaryň ýaragyň öndürilen ýylyny we ýurduny, öndürijisini we ýaragyň seriýa belgisini kesgitlemäge mümkinçilik berýän maglumatlar bolmalydyr. Şeýle maglumatlar her bir atyjy ýarag birligini özboluşly anyklaýyş belgisi bilen üpjün etmäge mümkinçilik berýär. Bu belgileriň hemmesi hemişelik häsiýete bolmaly we atyjy ýarag öndürilen badyna oňa basylmaly. Agza döwletler, mümkin boldugyça we ygtyýarlyklarynyň ýetdiginden, olaryň öz razylygy bilen daşary ýurtda öndürilýän ähli atyjy ýaraglaryň hem şol bir standartlara laýyklykda bellik edilmegini üpjün ederler.

2. Mundan başga-da, agza döwletler olaryň häzirki ätiýaçlyklaryny gündelik dolandyrmagyň barşynda belgilenmedik atyjy ýaraglaryň ýüze çykarylan ýagdaýynda olary ýok etmek ýa-da şeýle atyjy ýaraglar ýaraglanyşa kabul edilýän ýa-da eksport edilýän bolsa, onda öňünden ol atyjy ýaraglaryň her birine aýratyn anyklaýyş belgisini goýmaga (basmaga) ylalaşýarlar.

### C) Hasabat

1. Agza döwletler, atyjy ýaraglaryň yzarlanmagyny gowulandyrmak maksady bilen özlerinde ätiýaçlykda bar bolan atyjy ýaraglaryň, olaryň çäginde bar bolan kiçi ýarag öndürijilerinde, eksport we import edijilerinde saklanýan atyjy ýaraglaryň doly we takyk hasabat ýazgylarynyň ýöredilmegini we ol hasabatlaryň mümkin boldugyndan uzak wagtlap saklanmagyny üpjün ederler.

D) Aç-açanlygy üpjün ediş çäreleri

1. Ynamy berkitmek we ygtyýarly edaralara bikanun ýaraglary yzarlamakda kömek bermek üçin, agza döwletler 2001-nji ýylyň 30-njy iýunyna çenli ýarag öndürmekde we/ýa-da import etmekde ulanylan milli belgi ulgamlary barada maglumat alyşmaga razylaşdylar. Şeýle hem, atyjy kiçi ýaraglaryň öndürilmegine gözegçilik etmek üçin milli proseduralar barada elýeterli maglumatlary alyşarlar. Agza döwletler bu maglumatlaryň milli belgi ulgamlarynda we önümçilige gözegçilik proseduralarynda bolup geçen üýtgeşmeleri görkezmek üçin zerur bolanda täzelenip durmagyny üpjün ederler.

## III BÖLÜM. BIKANUN DOLANYŞYGYŇ ÄHLI UGURLARYNA GARŞY GÖREŞ. UMUMY EKSPORT ÖLÇEGERI (TALAPLARY) WE EKSPORT GÖZEGÇILIGI

Giriş

1. Atyjy ýaraglaryň eksportyny düzgünleşdirýän täsirli ölçegleriň döredilmegi we ulanylmagy, şeýle hem eksport proseduralaryny we resminamalary we halkara araçylaryň işini öz içine alýan milli gözegçilik çäreleri kiçi ýaraglaryň durnuksyz toplanmagyň we gözegçiliksiz ýaýramagynyň öňüni almak baradaky umumy maksada goşant goşar. Bikanun dolanyşyga garşy göreşde hukuk goraýjy edaralar bilen hyzmatdaşlyk möhüm orny eýeleýär. Bu bölümde atyjy ýaraglaryň geçirilmegi bilen baglanyşykly jogapkärçiligi höweslendirmek we şeýlelik bilen bikanun dolanyşygygyň mümkinçilikleri azaltmak üçin kadalar, ýörelgeler we çäreler kesgitlenýär.

A) Umumy eksport ölçegleri (talaplary)

1. Agza döwletler, atyjy ýaraglaryň eksportyny, olaryň öndürilmegini, synagdan geçirilmegini we kämilleşdirilmeginini kadalaşdyrjak we ÝHHG-niň “Adaty ýaraglaryň geçirilmegini düzgünleşdirýän ýörelgeler” resminamasyna esaslanýan aşakdaky talaplar bilen razylaşýarlar.

2. (a) Atyjy ýarag eksporty baradaky tekliplere garalanda her bir agza döwlet şulary göz öňünde tutar:

i) kabul ediji ýurtda adam hukuklarynyň we esasy azatlyklaryň berjaý edilmegini;

ii) dartgynlylyk ýa-da ýaragly (jedelleriň) çaknyşyklar bolmagy nukdaýnazaryndan kabul ediji ýurduň içindäki we daş-töweregindäki ýagdaýy;

iii) kabul ediji ýurt tarapyndan halkara hukuk we beýleki borçnamalary ýerine ýetirilmegi, hususan-da güýç ulanmazlyga, şeýle hem ýaýratmazlyga ýa-da ýarag gözegçiligi we ýaragsyzlanmaga degişli beýleki meseleleriniň, şeýle hem ýaragly çaknyşyk (jedellerZçÝ Z) wagtynda özüni alyp barşyny dolandyrýan halkara hukugynyň kadalaryny berjaý etmek tejribesini;

iv) kabul ediji ýurduň ýagdaýyny, şol sanda onuň kanuny howpsuzlyk we goranyş zerurlyklaryny, şeýle hem adam we ykdysady baýlyklarynyň iň az mukdarynyň ýaraglandyrylyşa gönükdirmek zerurlygyny göz öňünde tutup, geçirilýän ýaraglaryň häsiýetini we gymmatyny;

v) kabul ediji ýurduň Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň 51-nji maddasyna laýyklykda özüniň şahsy ýa-da köpçülikleýin goranmak hukugyny amala aşyrmak ukybyny üpjün etmek boýunça zerurlyklaryny;

(vi) ýaraglaryň geçirilmeginiň kabul ediji ýurduň ýüzbe-ýüz bolýan harby we howpsuzlyk howplaryna ýeterlik we proporsional jogap bermegine goşant goşup bilmegi baradaky soragy;

vii) kabul ediji ýurduň kanuny içerki howpsuzlyk zerurlyklaryny;

viii) kabul ediji ýurduň Birleşen Milletler Guramasynyň ýa-da ÝHHG-niň kararlaryna laýyklykda parahatçylygy goraýyş çärelerine ýa-da beýleki çärelere gatnaşmak ukybyny üpjün etmek zerurlyklaryny.

b) Her bir agza döwlet, onuň pikirine görä, şol atyjy ýaraglaryň şeýle töwekgelçilikleri döredip biläýjek aç-açan howpy ýüze çykan ýagdaýynda eksport ygtyýarnamalaryny bermekden saklanar:

i) adam hukuklaryny we esasy azatlyklary bozmak ýa-da basyp ýatyrmak üçin ulanylmagynda;

ii) beýleki döwletleriň milli howpsuzlygyna howp salmagynda;

iii) daşary gatnaşyklary üçin halkara taýdan ykrar edilen başga bir döwletiň jogapkärçiliginde bolan başga çäklere gönükdirilmeginde;

iv) onuň halkara borçnamalaryna, hususan-da Birleşen Milletler Guramasynyň Howpsuzlyk Geňeşi tarapyndan kabul edilen sanksiýalaryna, ÝHHG-nyň kararlaryna, ýarag ýaýratmazlyk şertnamalaryna (ylalaşyklaryna), atyjy ýaraglar barada ýa-da beýleki ýaraglanyşa we ýaragsyzlandyrmany gözegçilik ylalaşyklaryna garşy gelýän bolsa;

v) öz-özüňi goramagyň kanuny zerurlyklaryny göz öňünde tutup, bar bolan ýaragly çaknyşyklaryň uzalmagyna ýa-da agyrlaşmagyna ýa-da ýaragly çaknyşyk döwründe özüni alyp barşyňy kadalaşdyrýan halkara hukugynyň kadalarynyň berjaý edilmegine howp salýan bolsa;

vi) parahatçylyga howp salýan, atyjy ýaraglaryň çendenaşa we durnuksyz toplanmagyna sebäp bolýan ýa-da sebitdäki durnuksyzlyga goşant goşýan bolsa;

vii) kabul ediji ýurtda alyp satylmagy (ýa-da başga bir usul bilen başga ugur boýunça gönükdirilmegi) ýa-da bu resminamanyň maksatlaryna ters gelýän maksatlar üçin gaýtadan eksport edilmegi;

viii) repressiw maksatlar üçin ulanylmagy;

ix) terrorçylygy goldamagy ýa-da höweslendirmegi;

x) guramaçylykly jenaýata ýardam bermegi;

xi) kabul ediji ýurduň kanuny goranyş we howpsuzlyk zerurlyklaryny kanagatlandyrmakdan başga maksatlar üçin ulanylmagy.

c) Bu talaplardan başga-da, agza döwletler potensial kabul ediji döwletde bar bolan ätiýaçlyk ýarag gorlaryny dolandyryş we olaryň howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça çärelerini göz öňünde tutarlar.

3. Agza döwletler, öz çäklerinden daşarda ýerleşýän atyjy ýarag öndürijileri bilen baglaşylan atyjy ýaragy öndürmek üçin ygtyýarnamalar baradaky şertnamalaryň, zerur bolan halatynda ýokardaky

talaplaryň şeýle şertnamada görkezilen ygtyýarnama esasynda öndürilen ýaraglaryň islendik eksport üçin geçirilmegini talap edýän düzgüniň bardygyny üpjün etmek üçin ähli tagallalaryny ederler.

4. Şeýle hem her bir agza döwlet:

i) zerur bolan halatynda bu ýörelgeleriň milli kanunçylyklarynda we/ýa-da adaty ýaraglaryň we oňa degişli tehnologiýalaryň eksportyny düzgünleşdirýän milli syýasat resminamalarynda öz beýanyny tapmagyny üpjün eder;

ii) beýleki agza döwletlere atyjy ýaraglaryň eksportyna gözegçilik etmek üçin täsirli milli mehanizmleri döretmekde kömek bermek boýunça meseleleri göz öňünde tutmak;

B) Importy, eksporty we tranziti (üstaşyr geçirmekligi) amala aşyrmagyň tertibi

1. Agza döwletler atyjy ýaraglaryň importy, eksporty we halkara üstaşyr geçirilmegi üçin aşakda görkezilen çäreleri berjaý etmäge razylaşýarlar.

2. Agza döwletler, öz çägine import edilen ýa-da ondan eksport edilen ähli atyjy ýaraglaryň geçirilmegine degişli agza döwlet üçin şeýle ýarag geçirilmeginiň degişli gözegçiligini saklamak we ol ýaragyň yglan edilen kabul edijiden başga ol ýa-da beýleki taraplara geçirilmeginiň öňüni almak üçin täsirli milli ygtyýarnama ýa-da rugsatnama bermek çäreleriniň ulanylmagyny üpjün ederler.Her bir agza döwlet onuň çäginden üstaşyr geçirilýän atyjy ýaraglaryň soňky nokadyna baryp ýetýänçä netijeli gözegçiligini ýola goýmak maksady bilen degişli milli çäreleriniň ulanylyp – ulanylmazlygyna özi karar berer.

3. Agza döwlet, atyjy ýaragyň başga bir döwlete geçirilmegine ygtyýar bermezden ozal, şol agza döwletiň import edilýän döwletden degişli import ygtyýarnamasyny ýa-da başga bir resmi rugsatnamany alandygyny kepillendirmeli. Haçan-da bir agza döwletden, eksport ediji we import ediji döwletleriň arasynda öz çäginden atyjy ýarag iberilmegine rugsat berilmegi haýyş edilende, eksport ediji ýa-da eksport edýän döwletiň ýolbaşçylary, üstaşyr geçiş döwleti tarapyndan talap edilýän halatynda bu geçiriş üçin degişli ygtyýarnamanyň berilmegini üpjün etmeli.

4. Atyjy ýaraglaryň eksport we import amallaryna gatnaşýan iki döwletiň haýsydyr biriniň haýyşy boýunça eksport ediji döwletden degişli tapgyr ugradylandan soňra we import edýän döwlet tarapyndan kabul edilenden soňra bu iki döwlet birek-birege habar bermeli.

5. Agza döwletleriň ozal import eden atyjy ýaraglaryny gaýtadan eksport etmek hukugyna zyýan bermezden, agza döwletler atyjy ýaraglaryny satmak ýa-da geçirmek barada şertnamalara kiçi ýaraglaryň indiki geçirişi amala aşyrylmazdan ozal, ilkibaşdaky eksport edilen döwlete duýdurmak (maglumat bermek) barada düzgünleriniň girizilmegi üçin elinde bar tagallalaryny ederler.

6. Atyjy ýaraglaryň bikanun başga ugra gönükdirilmeginiň öňüni almak üçin, agza döwletler eksport ediji döwlet tarapyndan ugradylýan atyjy ýaraglaryň howpsuz eltip berilmegine gözegçilik edip biler ýaly degişli çäreleri girizmeklik teklip edilýär. Bu amallar, zerur bolan ýagdaýynda, eltilen (gowşurylan) nokatda kiçi ýaraglaryň tapgyryny fiziki taýdan barlamagy hem öz içine alyp biler.

7. Agza döwletler belliksiz atyjy ýaraglaryň geçirilmegine ýol bermezler. Mundan başga-da, olar diňe her bir ýarag üçin özboluşly şahsy belgisi bolan atyjy ýaraglary geçirerler ýa-da üstaşyr geçirilmegini dowam etdirerler.

8. Agza döwletler atyjy ýaraglary import, eksport etmek we üstaşyr geçirmek çärelerini (amallaryny) ýerine ýetirýän guramalarynyň arasynda syýasaty we hyzmatdaşlygy gowulandyrmak üçin degişli milli mehanizmleriň üpjün edilmegi barada ylalaşýarlar.

C) Import, eksport we üstaşyr geçirmek (tranzit) resminamalary

1. Agza döwletler eksport resminamalary bilen iş salyşmak üçin aşakdaky esasy düzgünleri berjaý etmäge razylaşýarlar: eksport ygtyýarnamalary diňe tassyklanan ahyrky ulanyjy şahadatnamasy ýa-da kabul ediji döwlet tarapyndan berlen resmi ygtyýarnamanyň başga bir görnüşi (mysal üçin, halkara import şahadatnamasy) bar bolan ýagdaýynda berilýär; eksport resminamalaryna gol çekmäge ýa-da başgaça tassyklamaga ygtyýarly döwlet işgärleriniň sany, her bir agza döwletde bar bolan tejribä laýyklykda iň az mukdarda bolmagyna galýar; import, eksport we tranzit resminamalarynda agza döwletlerde bar bolan "iň oňat tejribe" esasynda teklipleri işläp düzmek maksady bilen agza döwletler tarapyndan gözden geçiriljek iň az standart maglumatlar toplumyny öz içine alar.

2. Agza döwletler ol ýa-da beýleki ygtyýarnama ýa-da rugsatnama esasynda amala aşyrylan atyjy ýaraglaryň geleşikleri bilen baglanyşykly doly we takyk hasabat ýazgylarynyň atyjy ýaraglaryň yzarlanmagyny gowulandyrmak maksady bilen mümkin boldugyça olaryň uzak wagtlap ýöredilmegini we saklanmagyny üpjün etmäge ylalaşýarlar. Şeýle hem olar, bu ýazgylardaky degişli maglumatlaryň bikanun ýaraglary yzarlamak we ýüze çykarmak üçin zerur bolan beýleki maglumatlar bilen bilelikde E3, E4 we aşakdaky bölümlerde görkezilen amallara (çärelere) laýyklykda beriljekdigi bilen ylalaşýarlar.

D) Ýarag bilen bagly geleşikler bilen meşgullanýan halkara araçylarynyň işine gözegçilik

1. Atyjy ýarag amallarynda halkara araçylarynyň işiniň düzgünleşdirilmegi bikanun dolanyşygyň ähli ugurlary bilen göreşmek üçin toplumlaýyn çemeleşmegiň iň möhüm elementlerinden biridir. Agza döwletler şeýle araçylyk bilen meşgullanýanlaryň işini kadalaşdyrmak üçin milli ulgamlary döretmegi göz öňünde tutarlar. Şeýle ulgam aşakdaky çäreleri öz içine alyp biler:

i) olaryň çäginde hereket edýän araçylar üçin hasaba alyş talaby;

ii) araçylyk amallary üçin ygtyýarnama ýa-da rugsat almak talaby; ýa-da

iii) import we eksport ygtyýarnamalary ýa-da rugsatnamalary ýa-da olaryň ýanyndaky resminamalar, şeýle hem geleşige gatnaşýan araçylaryň atlary we ýerleşýän ýerleri barada maglumatlary açmak talaby.

E) Hukuk goraýjy pudakda hyzmatdaşlygy gowulandyrmak

1. Atyjy ýaraglar bilen baglanyşykly halkara borçnamalarynyň talabalaýyk ýerine ýetirilmegini üpjün etmek üçin her bir agza döwlet öz ygtyýarly milli häkimiýeti we kazyýet ulgamy arkaly netijeli potensialyň bolmagyny üpjün etmelidir.

2. Her bir agza döwlet, Birleşen Milletler Guramasynyň Howpsuzlyk Geňeşiniň ýarag embargosyny bozýan islendik ýaragyň geçirilmegini jenaýat hasaplar we muny öň etmedik bolsa içerki kanunlarynda görkezer.

3. Agza döwletler başga bir agza döwlet tarapyndan amala aşyrylýan atyjy ýaraglaryň bikanun dolanyşygyna garşy derňewi we kazyýet yzarlanmagyny ýeňilleşdirmek üçin özara hukuk kömegini we özara hyzmatdaşlygyň beýleki görnüşlerini ösdürmäge razylaşýarlar. Bu maksat bilen olar öz aralarynda degişli şertnamalary baglaşmaga ymtylarlar.

4. Agza döwletler bikanun ýaraglary yzarlamak üçin adaty diplomatik çäreler (amallar) ýa-da degişli şertnamalar esasynda, şeýle hem INTERPOL ýaly hökümetara guramalar bilen hyzmatdaşlyk etmäge razylaşýarlar. Şeýle hyzmatdaşlyk, talap boýunça beýleki agza döwletleriň derňew edaralaryna degişli maglumatlary bermegi öz içine alar. Şeýle hem olar atyjy ýarag pudagyndaky hukuk goraýjy, gümrük we beýleki degişli edaralaryň wezipeli işgärleri üçin sebitleýin, sebitara we milli okuw meýilnamalaryny we bilelikdäki okuw çärelerini höweslendirerler we goldarlar.

5. Agza döwletler hukuk goraýjy edaralaryň mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak üçin beýleki agza döwletlere degişli tehniki, maliýe kömegini we maslahat bermek meselesine seretmegi göz öňünde tutarlar.

6. Agza döwletler öz milli kanunlaryna laýyklykda we gizlin esasda degişli kesgitlenen kanallar (mysal üçin, Interpol, polisiýa gulluklary ýa-da gümrük gullugy) arkaly biri-biri bilen şeýle maglumatlary alyşmaga razylaşýarlar:

i) degişli ygtyýarnamasy bolan ýarag öndürijiler we halkara ýarag araçylary barada;

ii) bikanun dolanyşykda bolan atyjy ýaraglaryň konfiskasiýa edilmegi, şol sanda konfiskasiýa edilen ýaraglaryň sany we görnüşleri, belgileri we soňraky ýok edilmegi barada;

iii) milli eksport gözegçiligini bozmakda günäkär hasaplanan fiziki şahslar ýa-da korporasiýalar baradaky maglumatlar;

iv) özleriniň hukuk goraýjy ulgamdaky tejribeleri we atyjy ýaraglaryň bikanun dolanyşgyna garşy göreşde netijeli hasaplaýan çäreleri barada maglumat. Bu maglumatlar olardan başga-da öz içine: ylmy we tehniki maglumatlary, gizlemek (üstüni örtmek) we ýüze çykarmak usullary, bikanun dolanyşyk üçin ulanylýan ugurlar we embargonyň bozulmalary baradaky maglumatlary alyp biler.

F) Maglumat alyş - çalşygy we beýleki aç-açanlygy üpjün ediş çäreleri

1. Ilkinji ädim hökmünde, agza döwletler 2002-nji ýyldan başlap her ýyl 30-njy iýundan gijä galman öz aralarynda öňki senenama ýylynda bolup geçen beýleki agza döwletlere atyjy ýarag eksportlary we olardan importlar barada maglumatlary alyşarlar. Bu maglumatlar şol bir wagtyň özünde Jedelleriň öňüni alyş merkezine (JÖAM) hem berler. Bu alyş-çalyşyň nusgasy, bu resminamanyň I goşundysynda kesgitlenendir.

Agza döwletler, şeýle hem, atyjy ýaraglaryň geçirilmegi barada maglumat alyş-çalşygyny has-da gowulandyrmagyň ýollaryny öwrenmäge razylaşýarlar.

2. 2001-nji ýylyň 30-njy iýunyna agza döwletler bu ugurdaky “Iň oňat tejribäni” ýüze çykarmak maksady bilen öz aralarynda degişli milli kanunlar we eksport pudagyndaky syýasatlar, proseduralar (çäreler, amallar) we resminamalar, şeýle hem atyjy ýaraglaryň halkara araçylarynyň işine gözegçilik etmek bilen baglanyşykly bar bolan maglumatlary alyş-çalyş ederler. Şeýle hem olar zerurlyk ýüze çykan halatynda täzelenen maglumatlary hem bererler.

## IV BÖLÜM. ÄTIÝAÇLYK GORLARYNY DOLANDYRMAK, ARTYKMAÇLYKLARY ARADAN AÝYRMAK WE ÝOK ETMEK

### Giriş

1. Atyjy ýarglaryň durnuksyz toplanmagyna we gözegçiliksiz ýaýramagyna garşy, şeýle hem bikanun dolanyşygyň azaldylmagy üçin möhüm çäreleriň biri atyjy ýaraglaryň global

artykmaçlyklarynyň azaldylmagy bilen milli ätiýaçlyk gorlarynynyň dolandyrylmagy we olaryň howpsuzlygynyň üpjün edilmegidir. Bu bölümde, agza döwletleriň zerur bolan halatynda milli ätiýaçlyk gorlaryny dolandyrmaga we gerek ýerinde azaldyş çärelerini geçirmäge we kiçi ýaraglaryň ätiýaçlyk gorlaryny dolandyrmaga we olaryň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin "iň oňat tejribäni" öňe sürmäge esas bolup hyzmat etjek kadalar, ýörelgeler we çäreler beýan edilýär.

A) Artykmaçlyklaryň barlygynyň görkezijileri

1. Her bir agza döwlet öz kanuny howpsuzlyk zerurlyklaryndan ugur alyp, özünde artykmaç ýaraglarynyň bardygyny ýa-da ýokdugyny kesgitleýär.

2. Artykmaç atyjy ýaraglaryň bardygyna baha berlende, her bir agza döwlet aşakdaky faktorlary göz öňünde tutup biler:

i) harby we howpsuzlyk güýçleriniň göwrümini, gurluşyny we operatiw baş ýörelgesi;

ii) geosyýasy we geostrategiki konteksti (ýagdaýy), şol sanda döwletiň çäginiň ölçegini we ilatynyň sanyny;

iii) ýurduň içindäki ýa-da daşynda howpsuzlyk ýagdaýy;

iv) halkara borçnamalar, şol sanda halkara parahatçylygy goraýyş amallaryna (çärelerine) gatnaşmak;

v) milli düzgünlere we tejribelere laýyklykda harby maksatlar üçin ulanylmaýan atyjy ýaraglar

3. Agza döwletler işleriň gidişini yzygiderli gözden geçirmeli, hususan-da şular bilen baglanyşykly:

i) milli goranyş syýasatyndaky üýtgeşmeler;

ii) harby we howpsuzlyk güýçlerini azaltmak ýa-da üýtgedip gurmak;

iii) atyjy ýaraglaryň ätiýaçlyklaryny döwrebaplaşdyrmak ýa-da olary goşmaça mukdarda edinmek.

B) Milli ätiýaçlyk gorlaryny dolandyrmagy kämilleşdirmek we onuň howpsuzlygyny ýokarlandyrmak

1. Agza döwletler ogurlyk, korrupsiýa ýa-da geleňsizlik sebäpli ýitgileriň öňüni almak üçin kiçi ýarag ätiýaçlyk gorlaryna (şol sanda hatardan çykarmak) ýa-da ýaraglanyşdan aýyrmak ýa-da ýaragsyzlandyrmak) milli gözegçiligiň zerurdygyny ykrar edýärler. Bu maksat bilen, olar öz ätiýaçlyk gorlary dogrusynda degişli milli çäreleri, inwentar hasabyny we gözegçilini üpjün etmäge razylaşýarlar. Her bir agza döwletiň islegine görä saýlawa galdyrylan bu amallar we çäreler aşakdakylary öz içine alyp biler:

i) ätiýaçlyk gorlarynyň ýerleşdirilmegi üçin degişli talaplar (şertler);

ii) olaryň elýeterliligini gözegçilikde saklamak çäreleri;

iii) adatdan daşary ýagdaýlarda ýeterlik goragy üpjün etmeklik üçin zerur çäreler;

iv) howpsuzlyk we beýleki fiziki gorag çärelerini üpjün etmek çäreleri;

v) ätiýaçlyk gorlaryny dolandyryş we inwentar hasabaty proseduralary (çäreleri);

vi) ýitirilen ýa-da ogurlanan halatynda ulanylýan sanksiýalar;

vii) islendik ýitgi barada gyssagly habar bermegiň tertibi;

viii) atyjy ýaraglary daşamak üçin iň ýokary howpsuzlygy üpjün etmek proseduralary (çäreleri);

ix) ätiýaçlyk gorlarynyň saklanýan desgalarynda zähmet çekýän işgärleri howpsuzlyk meseleleri boýunça taýýarlamak.

C) Ýok etmek we ýaragsyzlandyrmak

1. Agza döwletler atyjy ýaraglary utilizasiýa etmegiň ileri tutulýan usulynyň ýok edilmekdigi bilen ylalaşýarlar. Ýok edilmegiň netijesinde ýarag iň soňky ulanyp bolmajak ýagdaýa getirilmeli we şol bir wagtyň özünde fiziki taýdan zeperlenmelidir. Iň gowusy, milli zerurlyklardan artykmaç hasaplanýan islendik kiçi ýaragyň ýok edilmegidir. Şeýle-de bolsa, bir agza döwletiň çäginden eksport etmek ýoly bilen ýok edilse, şeýle eksport diňe şu resminamanyň III bölüminiň A1 we A2 maddalarynda görkezilen eksport talaplaryna (ölçeglerine) laýyklykda amala aşyrylyp bilner.

2. Ýok etmek, adatça, milli ygtyýarly edaralar tarapyndan konfiskasiýa edilen bikanun dolanyşykda bolan ýaraglary degişli ýuridiki ygtyýarlyklar ýerine ýetirilenden soňra ýerine ýetirilýär.

3. Agza döwletler atyjy ýarag ýaragsyzlandyrylanda, onuň ähli möhüm bölekleriniň hemişelik ulanyp bolmajak görnüşe getirilip, ol bölekleri aýryp, çalşyp, üýtgedip we täzeden ulanyp bolmajak ýagdaýa getirilmelidigi bilen ylalaşýarlar.

D) Maliýe we tehniki kömek

1. Agza döwletler, meýletin esasda we beýleki halkara guramalary we institutlary bilen hyzmatdaşlykda, ýüzlenen ýagdaýynda beýleki agza döwletlere artykmaç atyjy ýaraglara gözegçilik etmek ýa-da ýok etmek üçin tehniki, maliýe we maslahat beriş kömegini bermek meselesine garamak barada ylalaşýarlar.

2. Agza döwletler, beýleki halkara tagallalary bilen bilelikde we ol ýa-da beýleki agza döwletiň ýüzlenmesi boýunça ätiýaçlyk gorlaryny dolandyrmak we olaryň howpsuzlygyny üpjün etmek maksatnamalaryny, işgärleri taýýarlamak boýunça çäreleri we gizlin ýerdäki bahalandyrmalaryny goldamaga razylaşýarlar.

E) Aç-açanlygy üpjün ediş çäreleri

1. 2002-nji ýyldan başlap, agza döwletler her ýylyň 30-njy iýundan gijä galman geçen senenama ýylynda artykmaç hasaplanan we/ýa-da öz territoriýalarynda konfiskasiýa edilen we ýok edilen atyjy ýaraglaryň kategoriýalary, kiçi kategoriýalary we mukdary barada maglumat alyş-çalşygyny geçirmäge razylaşýarlar.

2. 2002-nji ýylyň 30-njy iýunyna çenli agza döwletler özleriniň milli ätiýaçlyk gorlaryny dolandyrmak we olaryň howpsuzlygyny üpjün etmek proseduralarynyň (çäreleriniň) umumy häsiýeti barada maglumatlary alyşarlar. Şeýle hem, olar zerurlyk ýüze çykan halatynda täzelenen maglumatlary hem bererler. Howpsuzlyk sebitindäki hyzmatdaşlygy forumy, ätiýaçlyk gorlaryny netijeli dolandyrmak, olaryň howpsuzlygy ýokarlandyrmak we ýeňil we atyjy ýaraglary saklamak üçin köpderejeli howpsuzlyk ulgamyny kepillendirmek üçin beýleki halkara guramalarynyň we edaralarynyň ösüşlerini göz öňünde tutup, “iň oňat tejribe” gollanmasynyň işlenip düzülmegine sereder.

3. Agza döwletler 2001-nji ýylyň 30-njy iýunyna çenli atyjy ýaraglary ýok etmegiň usullary we proseduralary barada maglumat alyşmaga razylaşýarlar. Şeýle hem, olar zerurlyk ýüze çykan halatynda täzelenen maglumatlary hem bererler. Howpsuzlyk sebitindäki hyzmatdaşlygy forumy, beýleki halkara guramalarynyň we institutlarynyň işini göz öňünde tutup, ýaraglary ýok etmegiň usullary we proseduralary boýunça "iň oňat tejribe" gollanmasyny işläp düzmegi göz öňünde tutar.

4. Ynamy berkitmek çäresi hökmünde, agza döwletler, esasan hem sebit ý-da, öz çäklerinde atyjy ýaraglaryň ýok edilmegine syn etmek üçin meýletin esasda birek-birege çakylyklary ýollamak meselesine garamak barada ylalaşýarlar.

## V BÖLÜM. IRKI (ILKINJI) DUÝDURYŞ, JEDELLERIŇ ÖŇÜNI ALMAK, ÇÖKGÜNLIKLERI DOLANDYRMAK WE JEDELLERDEN SOŇKY DIKELDIŞ

Giriş

1. Atyjy ýarag meselesini çözmek ÝHHG-niň irki duýduryş, jedelleriň öňüni almak, çökgünlikleri dolandyrmak we jedellerden soňky dikeltmek boýunça has giň tagallalarynyň aýrylmaz bölegi bolmaly. Atyjy ýaraglaryň durnuksyz toplanmagy we gözegçiliksiz ýaýramagy jedelleriň öňüni almakda, dawa-jenjelleriň öjükmesine getirip biljek we parahatçylykly çözgüt tapylan ýagdaýynda parahatçylygy gurmaga we ykdysady we sosial ösüşe päsgel berip biljek faktorlaryň biridir. Käbir ýagdaýlarda bu faktorlar kanunyň bozulmagyna, terrorçylyga we jenaýat zorlugyna ýa-da dawa-jenjeliň täzeden öjükmesine sebäp bolup biler. Bu bölüm, agza döwletleriň berjaý etmäge razy bolan kadalaryny, ýörelgelerini we çärelerini beýan edýär.

A) Irki (ilkinji) duýduryş we dawa-jenjelleriň öňüni almak

1. Howpsuzlyk ýagdaýynyň ýaramazlaşmagyna sebäp bolup biljek atyjy ýaraglaryň durnuksyz toplanmagy ýa-da gözegçiliksiz ýaýramagyny kesgitlemek, irki (ilkinji) duýduryşyň we dawa-jenjelleriň öňüni almagyň möhüm elementi bolup biler. Her bir agza döwlet atyjy ýaraglaryň durnuksyz toplanmagynyň ýa-da gözegçiliksiz ýaýramagynyň potensial ýagdaýlaryny öz howpsuzlyk ýagdaýy bilen baglanyşyklykda kesgitleýär. Her bir agza döwlet Howpsuzlyk sebitindäki hyzmatdaşlygy forumynda ýa-da Hemişelik Geňeşde şeýle durnuksyzlaşdyryjy toplanmak ýa-da gözegçiliksiz ýaýramak baradaky aladalaryny ÝHHG-yna bildirip biler.

B) Dawa-jenjellerden soňky dikeldiş

1. Agza döwletler kiçi ýaraglaryň durnuksyz toplanmagy we gözegçiliksiz ýaýramagy dawa-jenjelden soňky howpsuzlyk ýagdaýlarynyň durnuksyzlaşmagyna goşant goşup biljekdigini ykrar edýärler. Şonuň üçin, şeýle ýagdaýlarda ýaraglary ýygnamak we gözegçilik astynda saklamak maksatnamalaryny durmuşa geçirmegiň peýdaly taraplaryna üns bermek hökmandyr.

2. Agza döwletler, howpsuzlyk çäreleriniň netijeliligine halkyň ynamyny goşmak bilen, howpsuzlyk ulgamyndaky durnukly ýagdaýynyň, islendik atyjy ýarag ýygnamak we olary gözegçilik astynda saklamak maksatnamasynyň (zerur bolsa amnistiýalar bilen bilelikde) we dawa-jenjelden soňky DÝ & R-e (Demobilizirlemek, ýaragsyzlandyrmak we söweşijileriň reintegrasiýasy) bilen baglanyşykly atyjy ýaraglaryň ýok edilmegi ýaly beýleki möhüm maksatnamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilmegi üçin möhümdigini ykrar edýär;

C) Baha bermek we maslahat beriş amallary (çäreleri)

1. Agza döwletler Howpsuzlyk sebitindäki Hyzmatdaşlyk Forumy ýa-da Hemişelik Geňeş tarapyndan dawa-jenjelleriň öňüni almak ýa-da dawa-jenjelden soňky ýagdaý boýunça baha berlende bu ýagdaýda atyjy ýaraglaryň ornunyň bardygy ýa-da ýokdugyny zerur bolsa, IV

bölümiň, A2 bendinde kesgitlenen faktorlary hasaba almak bilen we bu meseläni çözmegiň ýerliklidigini göz öňünde tutulmalydygy bilen razylaşýarlar.

2. Zerur halatynda, kabul ediji agza döwletiň ýüzlenmesi boýunça, agza döwletler amaly ýaraglar bilen baglanyşykly degişli bilimleri bolan, şol sanda zerur we Hemişelik Geňeşiň karary bilen, amaly bilermenleri goldaýan toparyň we hyzmatdaşlygyň çäginde ikinji derejeli adamlara çagyrylyp bilner (REACT). Bu bilermenler, milli hökümetler we degişli guramalar bilen hyzmatdaşlykda howpsuzlyk ýagdaýyna giňişleýin baha bermelidir we soňra ÝHHG-niň zerur kararlary kabul etmegi üçin teklipleri bermelidir.

D) Çäreler

1. Bilermenleriň tekliplerine jogap hökmünde, Hemişelik Geňeş birnäçe çäreleri göz öňünde tutmalydyr, şol sanda:

(i) atyjy ýaraglaryň ätiýaçlyk gorlarynyň howpsuzlygyny üpjün etmek we olary dolandyrmak boýunça kömek haýyşlaryna jogap bermek;

ii) agzalan döwletde atyjy ýaraglaryň sanyny azaltmagyna we ýok edilmegine kömek bermek we bu proseslere gözegçilik etmek mümkinçiligi;

(iii) höweslendirme, atyjy ýaraglaryň bikanun dolanyşygyny azaltmak maksady bilen, serhet gözegçiligini ýola goýmak we berkitmek üçin maslahat hyzmatlaryny ýa-da özara kömek bermek;

(iv) atyjy ýaraglary ýygnamak we olara gözegçilik etmek maksatnamalaryny durmuşa geçirmäge kömek bermek;

v) zerur bolsa, atyjy ýaraglar bilen baglanyşykly meseleleri çözmek üçin missiýanyň ýa-da ÝHHG-niň şol ýerde bolmagynyň mandatyny giňeltmek;

vi) hyzmatdaşlyga esaslanýan ÝHHG-niň Howpsuzlyk platformasyna laýyklykda, beýleki halkara guramalary we institutlary bilen hereketleri maslahatlaşmak we utgaşdyrmak

2. Mundan başga-da, agza döwletler Hemişelik Geňeş tarapyndan tassyklanan geljekki ÝHHG-niň missiýalarynyň mandatlarynyň we ÝHHG-niň ýolbaşçylygyndaky islendik parahatçylygy goraýyş çäreleriniň degişli ýagdaýlarda, ýarag ýygnamak we ýok etmek maksatnamalarynynyň we atyjy ýaraglar bilen baglanyşykly DÝ&R çäreleriniň ýerine ýetirilişine maslahat bermek, ýeňilleşdirmek, durmuşa geçirmek we gözegçilik etmek üçin mümkinçiliklerini öz içine almalydygy bilen ylalaşýarlar. ÝHHG-niň şeýle missiýalarynda parahatçylygy goraýyş operasiýalary, milli häkimiýetler we beýleki halkara guramalary we institutlary bilen hyzmatdaşlykda atyjy ýaraglary babatynda çäreler toplumyny ösdürmek wezipesi bolan zerur bilermeni öz içine alyp biler.

3. Agza döwletler howpsuzlyk ýagdaýlarynyň durnuklaşmagyna goşant goşar we öz ygtyýarlyklarynyň çäginde atyjy ýaraglar bilen baglanyşykly atyjy ýarag ýygnamak maksatnamalarynyň we DÝ&R çäreleriniň islendik parahatçylyk şertnamalaryna we zerur bolanda parahatçylygy goraýyş operasiýalarynyň mandatlaryna goşulmagyny üpjün eder. Agza döwletler, atyjy ýaraglaryň ýok edilmeginiň ileri tutulýan usuly hökmünde ýygnalan ähli atyjy ýaraglaryň ýok edilmegine kömek eder.

4. Goldaw çäresi hökmünde, agza döwletler sebitara hyzmatdaşlygy, esasan hem sebitlerde bikanun söwda arkaly atyjy ýaraglaryň täze tapgyrlarynyň geçirilmeginiň öňüni almak maksady bilen serhet gözegçiligini ösdürip bilerler.

5. Agza döwletler atyjy ýaraglar bilen baglanyşykly negatiw taraplary açyp görkezýän milli derejede jemgyýetçilik bilimini we habardarlyk maksatnamalaryny goldamagy göz öňünde tutarlar. Şeýle hem, bar bolan maliýe we tehniki çeşmeleriniň çäginde bikanun ýaraglary meýletin tabşyrmak üçin degişli höweslendirmeleri göz öňünde tutarlar. Agza döwletler DÝ we R bilen baglanyşykly jedellerden soňky ähli degişli maksatnamalary, meselem, tabşyrylan ýa-da konfiskasiýa edilen atyjy ýaraglary we ok-därileri utilizasiýa we ýok etmek maksatnamalaryny goldamagy göz öňünde tutarlar.

E) Jedellerden soňky dikeldiş döwründe ätiýaçlyk gorlaryny dolandyrmak we olary ýok etmek

1. Dawa-jenjellerden soňky ýagdaýlarda ýarag saklanyş we olary dolandyryş mehanizmleriniň gowşakdygyny göz öňünde tutup, parahatçylyk tapgyryna gatnaşýan döwlet (ler) we/ýa-da agza döwlet (ler) ileri tutulýan ugur hökmünde aşakdakylary üpjün ederler:

(i) parahatçylyk proseslerinde ätiýaçlyk gorlarynyň howpsuz saklanyş we dolandyryş meselelerini çözmek we olary zerur bolanda parahatçylyk şertnamalaryna goşmak;

ii) howpsuzlygy ýokarlandyrmak üçin saklanyş ammar ýerleriniň sanyny mümkin boldugyndan çäklendirmek;

iii) ýygnalan we konfiskasiýa edilen atyjy ýaraglar ýok edilmeli ýagdaýlarda, diňe degişli hukuk işlerini ýerine ýetirmek üçin zerur bolan iň az wagtyň dowamynda saklamak;

(iv) atyjy ýaraglaryň azaldylmagyny we ýok edilmegini göz öňünde tutýan administratiw çärelerini ilkinji nobatda we haýal etmän ýerine ýetirmek.

F) Indiki edilmeli işler

1. Howpsuzlyk sebitindäki hyzmatdaşlyk forumy, beýleki halkara guramalarynyň we institutlarynyň işini göz öňünde tutup, atyjy ýaraglar boýunça DÝ&R çäreleri bilen baglanyşykly “iň oňat tejribe” gollanmasyny taýýarlamagy göz öňünde tutar.

2. Atyjy ýaraglaryň ýok edilmegine gözegçilik etmek we tehniki kömek üçin haýyşlar beýleki halkara guramalarynyň we institutlarynyň işini göz öňünde tutup, JÖM tarapyndan utgaşdyrylar.

## VI BÖLÜM. JEMLEÝJI DÜZGÜNLER

1. Agza döwletler, ÝHHG-niň wekiliýetlerinde we paýtagtlarda ýarag saklamak meselesi üçin aragatnaşyk nokatlarynyň sanawyny düzmäge razylyk berýär, bu tehniki hyzmat JÖAM-e ynanylýar. JÖAM-i, ÝHHG-y bilen beýleki halkara guramalarynyň we institutlarynyň arasyndaky ýarag meselesi boýunça esasy aragatnaşyk nokady bolar.
2. Agza döwletler Howpsuzlyk sebitindäki Hyzmatdaşlyk Forumynyň her ýyl zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda, gözden geçiriliş mejlislerinde, bu resminamada görkezilen kadalaryň, ýörelgeleriň we çäreleriň we agza döwletler tarapyndan hödürlenen atyjy ýaraglara degişli meseleleri yzygiderli gözden geçirjekdigi bilen ylalaşýarlar. Mundan başga-da, zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda olar atyjy ýaraglar boýunça milli bilermenleriň ýygnaklaryny hem çagyryp bilerler.

3. Agza döwletler bu resminamanyň ulanylyş çygryny we mazmunyny yzygiderli gözden geçirmegi dowam etdirmäge razylaşýarlar. Hususan-da, bu resminamanyň ýerine ýetirilişini Birleşen Milletler Guramasynyň we beýleki halkara guramalarynyň we institutlarynyň işini göz öňünde tutup, mundan beýläk-de ösdürmegiň üstünde işlemek barada ylalaşýarlar.

4. Bu resminamanyň teksti, guramanyň alty resmi dilinde neşir ediler we her bir agza döwlet tarapyndan ýaýradylar.

5. ÝHHG-niň Baş sekretaryndan bu resminamany Hyzmatdaşlyk boýunça hyzmatdaşlaryň hökümetlerine – Koreýa Respublikasyna, Taýland we Ýaponiýa, şeýle hem Hyzmatdaşlyk boýunça Ortaýer deňzi hyzmatdaşlaryna (Alžir, Müsür, Ysraýyl, Iordaniýa, Marokko we Tunis) tabşyrmagy haýyş edilýär.

6. Bu resminamada görkezilen kadalar, ýörelgeler we çäreler syýasy taýdan hökmanydyr. Eger-de başga düzgünler görkezilmedik ýagdaýynda, olar bu resminama kabul edileninden soňra güýje girer.

Goşundy I

ÝEŇIL WE ATYJY ÝARAGLAR BARADA MAGLUMAT ALYŞ-ÇALŞYGY

(Doldurylandan soň – çäklendirilen ulanyş üçin)

Habar berýän ýurt: Senenama ýyly boýunça habar:
Asyl nusgasynyň dili: Tabşyrylýan senesi:

EKSPORT

| Ýeňil we atyjy ýaraglaryň kategoriýalary we kiçi kategoriýalary | Ýurt- ahyrky import ediji | Birlikleriň sany | Gelip çykyş ýurdy (eger-de ol eksport ediji däl bolsa) | Aralykdaky ýerleşýän ýeri (eger ulanylýan bolsa) | Tabşyryş boýunça bellikler |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | |

IMPORT

| Ýeňil we atyjy ýaraglaryň kategoriýalary we kiçi kategoriýalary | Eksport ediji Ýurt | Birlikleriň sany | Gelip çykyş ýurdy | Aralykdaky ýerleşýän ýeri (eger ulanylýan bolsa) | Ahyrky ulanyjynyň Sertifikatlarynyň belgileri ýa-da olar barada maglumat | Tabşyryş boýunça bellikler |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | |

Goşundy II

ÝHHG

**Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy**
**Howpsuzlyk sebitindäki Hyzmatdaşlyk forumy**

FSC.DEC/5/04
2004-nji ýylyň
17-nji noýabry
TÜRKMEN DILINDE
Asyl nusgasy: IŇLIS
DILINDE

**436-njy umumy mejlisi**
FSC Journal No. 442, gün tertibiniň altynjy bendi

**KARAR № 5/04**
**AHYRKY ULANYJYNYŇ NUSGA ELEMENTLERI WE ÝAÝ**
**EKSPORTY ÜÇIN BARLAG ÇÄRELERI***

Howpsuzlyk sebitidäki Hyzmatdaşlyk Forumy,

ÝHHG-niň ýeňil we atyjy ýaraglar baradaky resminamasyny, esasan hem eksport resminamalary bilen doldurmak we durmuşa geçirilmegini güýçlendirmek islegi we,

şeýlelik bilen, ÝAÝ-yň bikanun bazara gönükdirilmegi töwekgelçiligini azaltmaga kömek etmek karary bilen,

ÝAÝ-nyň ÝHHG-niň resminamasynyň III A bölüminde görkezilişi ýaly, ÝAÝ-nyň durnuksyz toplanmagynyň we gözegçiliksiz ýaýramagynyň öňüni almak üçin berk eksport gözegçiliginiň zerurdygyna göz ýetirmek bilen,

kabul edijiniň tassyklanylmagy, eksport edilen ÝAÝ-yň başga ýol bilen ýaýramagynyň öňüni almagyň möhümdigini we oňyn karara getirýän islendik gözleg işiniň bar bolan maglumatlara esaslanmalydygyny,

şunuň bilen baglylykda, agza döwletleriň eksport resminamalaryny resmileşdirilende esasy düzgünleriň biri hökmünde eksport ygtyýarnamalarynyň hiç hili ýagdaýda ahyrky ulanyjy şahadatnamasy ýa-da berlen kabul etjek ýurt tarapyndan berlen islendik resmi rugsady bolmazdan berilmeli däldigi baradaky düzgünini berjaý etmekligiň möhümdigini ýene bir gezek tassyklamak bilen;

milli kanunlaryny we bu ugurdaky milli tejribesini göz öňünde tutup, agza döwletler tarapyndan ahyrky ulanyjy şahadatnamalaryna goşulmak üçin umumy elementleri döretmekligiň maksadalaýykdygyny ykrar etmek bilen,

* ÝHHG-niň ýeňil we atyjy ýaraglar baradaky resminamasynda görkezilenlere laýyklykda.

şeýle hem, ýeňil we atyjy ýaraglaryň eksport gözegçiligi boýunça Iň oňat tejribe Gollanmasy, agza döwletleriň durmuşa geçirmegi maslahat berilýän ahyrky ulanyjy şahadatnamalary barada goşmaça görkezme berýändigini ýatlatmak bilen,

aşakda görkezilen nusga elementleriniň Birleşen Milletler Guramasynyň beýleki agza döwletleri üçin Birleşen Milletler Guramasynyň Hereket Maksatnamasyny we ÝAÝ bilen baglanyşykly beýleki halkara borçnamalaryny doly durmuşa geçirmek tagallalarynda peýdaly bolup biljekdigini ykrar etmek bilen,

karar edýär:

1. Aşakdaky nusga elementleri ÝAÝ eksporty üçin ygtyýarnama tassyklanmazdan ozal (daşary ýurt ygtyýarnamalary esasynda öndürilen ÝAÝ-ny goşmak bilen) ýa-da taslamasyny düzmek, önümçilik, synag ýa-da ÝAÝ-y kämilleşdirmek bilen baglanyşykly tehnologiýalary geçirmek üçin ahyrky ulanyjynyň sertifikatyna (AUS) goşular:

- eksport ediljek ÝAÝ-yň taslamasy, önümçiligi, synagy we kämilleşdirilmegi bilen baglanyşykly jikme-jik beýany (görnüşi, mukdary, aýratynlyklary);
- şertnama ýa-da sargyt belgisi we senesi;
- soňky barjak ýurdy;
- ÝAÝ-yň ahyrky ulanylyşynyň beýany (mysal üçin harby ýa-da içerki howpsuzlyk güýçlerini enjamlaşdyrmak);
- eksport ediji barada maglumat: iň bolmanda familiýasy, salgysy, kärhananyň ady;
- ahyrky ulanyjy barada maglumat, ýagny: familiýasy, wezipesi, doly salgysy we golunyň asyl nusgasy;

- ÝAÝ-yň diňe ahyrky ulanyjy tarapyndan we diňe görkezilen ahyrky ulanyş üçin ulanjakdygy barada kepillikler;

- daşary ýurtdan getirilen ÝAÝ-yň gaýtadan eksport edilmegi, diňe eksport ediji ýurduň ýazmaça rugsady alnanda ýerine ýetirilip bilner, eger eksport ediji ýurt bu hukugy import edýän ýurtda eksport ygtyýarnamasy üçin jogapkär edaralara bermek kararyna gelmese;

- degişli ýagdaýlarda, geleşige gatnaşýan beýleki taraplar (aralyk alyjylar/satyn alyjylar), şol sanda islendik alyjynyň ady, wezipesi baradaky maglumatlar we golunyň asyl nusgasy. Ýene bir çözgüt hökmünde, aralyk alyjy we satyn alyjy barada ýazmaça maglumatlar ygtyýarnama beriş amallary wagtynda tabşyrylyp bilner;

- milli tejribä laýyklykda, degişli hökümet edaralary tarapyndan ahyrky ulanyjy baradaky maglumatlaryň ygtybarlylygyny resmi taýdan tassyklamak. Bu tassyklama, tassyklaýan wezipeli adamyň familiýasyny, wezipesini we golunyň asyl nusgasyny we tassyklanan senesini görkezmeli;

- berlen senesi we zerur bolan halatynda hasaba alyş belgisi we AUS-nyň hereket ediş möhleti.

AUS-a (Ahyrky ulanyjynyň sertifikaty) getirilenden soňky gözegçilik düzgünleri we soňky alyjynyň eksport ediji ýurda gowşuryş gözegçilik şahadatnamasy bermek borjy ýaly goşmaça maglumatlar girizilip bilner.

2. Agza döwletler, öz çäklerinden daşarda ýerleşýän öndürijiler bilen baglaşylan ýeňil we atyjy ýaraglary öndürmek üçin ygtyýarnama şertnamalarynda zerur bolan halatynda degişli şertnamanyň mowzugy bolan ygtyýarnama esasynda öndürilen islendik atyjy ýaraglary eksport etmek üçin ýokarda görkezilen talaplaryň ulanylmagyny üpjün etmek üçin ähli tagallalary ederler.

3. Agza döwletler, zerur bolan halatynda AUS-da kesgitlenen rugsat berýän işgärleriň şahsyýetnamalaryny, şeýle hem AUS-nyň hakykylygyny barlar - mysal üçin konsullyk arkaly kanunlaşdyrmak, diplomatik kanallar ýa-da milli aragatnaşyk nokatlary arkaly.

Agza döwletler, meýletin esasda, AUS-lary bermek boýunça milli aragatnaşyk puntklaryny (nokatlaryny) bar bolan aragatnaşyk nokatlarynyň sanawyna goşarlar we bu maglumatlary öz wagtynda täzeläp durarlar.

4. Agza döwletler aç-açanlygy we hyzmatdaşlygy berkitmegi dowam ederler, esasan hem:

- ahyrky ulanyşyň göz öňünde tutulan häsiýetini tassyklaýan azyndan 10 ýyl degişli resminamalary ýöretmek we saklamak, şol sanda degişli ygtyýarnamalaryň ýa-da rugsatnamalaryň berlen senesi we güýjiniň möhleti, soňky barjak ýurdy, ahyrky ulanyjy, şeýle hem ÝAÝ-ny yzarlamak ukybyny ýokarlandyrmak maksady bilen berlen eksport ygtyýarnamasy berlen ÝAÝ-nyň beýany we mukdary;

- galp AUS-lar we eksportyň başga ugra gönükdirilmegi barada öz wagtynda maglumat alyşmak.

5. Howpsuzlyk sebitindäki Hyzmatdaşlyk Forumynyň Başlygyna Baş sekretara Birleşen Milletler Guramasynyň nusga elementlerini bu kararyň umumy häsiýetini beýan edýän giriş maglumatlary özünde jemeleýän ugurdaş hat bilen ýetirmeklige haýyş bilen ýüz tutmak tabşyrylýar.

Howpsuzlyk sebitindäki hyzmatdaşlyk forumy ahyrky ulanyjy şahadatnamalaryny barlamagy ýeňilleşdirmek we ÝAÝ-nyň bikanun geçirilmeginiň öňüni almak üçin goşmaça çäreleri şol sanda agza döwletler tarapyndan berilýän ahyrky ulanyjy şahadatnamalarynyň nusga görnüşini alyp bolýan degişli web-sahypasynyň ÝHHG-niň çäginde ulanylmagyny göz öňünde tutup biler.

6. Bu Karar kabul edilen gününden güýje girýär.

ÝHHG

**Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy**
**Howpsuzlyk sebitindäki Hyzmatdaşlyk forumy**

FSC.DEC/8/04
2004-nji ýylyň
24-nji noýabry
TÜRKMEN DILINDE
Asyl nusgasy: IŇLIS
DILINDE

**437-njy umumy mejlisi**
FSC Journal No. 443, gün tertibiniň ýedinji bendi

## KARAR №8/04
## ÝEŇIL WE ATYJY ÝARAG BILEN BAGLY GELEŞIKLERIŇ ARAÇYLARYŇ IŞINI GÖZEGÇILIKDE SAKLAMAK BOÝUNÇA ÝHHG-IŇ ÝÖRELGELERI

### SÖZBAŞY

Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň agza döwletleri,

1. ÝHHG-niň resminamasynyň ýeňil we atyjy ýaraglar (ÝAÝ) (2000-nji ýylyň 24-nji noýabry) düzgünlerine esaslanmak we esasan hem III babynyň D bölüminiň düzgünlerini güýçlendirmegiň zerurdygyny ykrar etmek bilen,

2. Birleşen Milletler Guramasynyň ýeňil we atyjy ýaraglaryň bikanun söwdasynyň öňüni almak, oňa garşy göreşmek we ony ýok etmek meýilnamasyna salgylanmak (2001-nji ýylyň dekabry), şonuň bilen baglylykda döwletler araçylyk amallaryny kadalaşdyrmak üçin degişli milli kanunlary ýa-da administratiw çäreleri işläp düzmäge borçlandylar. Ýeňil we atyjy ýaraglaryň bikanun araçylygynyň öňüni almak, ýok etmek we olara garşy göreşmek üçin halkara hyzmatdaşlygy güýçlendirmek üçin goşmaça çäreleri görmek,

3. Ot açýan ýaraglaryň, olaryň düzümleriniň we bölekleriniň we ok-därileriniň bikanun öndürilmegine we dolanyşygyna garşy teswirnamanyň degişli düzgünlerini işläp düzmek, BMG-nyň Transmilli guramaçylykly jenaýata garşy konwensiýasynyň üstüni ýetirmek (2001-nji ýylyň maý aýy), Oslo konferensiýasynyň başlygynyň atyjy we ýeňil ýaraglarda bikanun araçylygyň öňüni almak, we ýok etmek boýunça halkara hyzmatdaşlygyna degişli hasabaty (2003-nji ýylyň aprel aýy), ÝB-niň ýarag geleşiklerindäki araçylyga gözegçilik etmek baradaky ýeke-täk pozisiýasy (2003-nji ýylyň iýun aýy), ÝHHG-niň araçylygyň milli gözegçiligi boýunça iň oňat tejribe gollanmasynyň teklipleri (2003-nji ýylyň dekabry) we Wassenaar ylalaşyklary boýunça ýarag araçylygy barada netijeli kanunçylyk elementleri (2003-nji ýylyň dekabry),

4. Araçyllyk işiniň gözegçiliginiň düzgünleri ýarag gözegçiligi täsirli we hemmetaraplaýyn serişdesi hökmünde ÝAÝ dogrusynda beýleki gözegçilik mehanizmlerini, hususan-da eksport gözegçiligini bilen gabat gelmelidigini we üstüni ýetirmelidigini ykrar etmek bilen,

5. Bikanun Ýarag dolanyşygy we araçyllyk baradaky çekişmelerini dowam etdirip we çuňlaşdyryp, aşakda görkezilişi ýaly milli kanunlar arkaly şular ýaly çärelere gözegçiligi güýçlendirmeklige gönükdirilen birnäçe düzgün barada ylalaşyk gazanmak bilen,

6. Birnäçe agza döwletlerde bu mesele boýunça milli kanunçylygyň eýýäm bardygyny ýa-da agza ýurtlaryň birnäçesinde gaýtadan gözden geçirilýändigini ýa-da kabul edilýändigini nazara almak bilen,

7. Indiki bölümlerde görkezilen ýörelgeleri kabul etmek we durmuşa geçirmek kararyna geldiler.

## I BÖLÜM. MAKSATLAR

1. Bu ýörelgeleriň maksady, ýarag bilen baglanyşykly geleşikleriň Birleşen Milletler Guramasynyň Howpsuzlyk Geňeşi tarapyndan girizilen sanksiýalardan, ÝHHG-y tarapyndan kabul edilen kararlardan, şol sanda ÝHHG-niň ýeňil we atyjy ýaraglar baradaky resminamasynyň III bölüminde görkezilen talaplardan gaça durmazlygydyr (2000-nji ýylyň 24-nji noýabry); ýeňil we atyjy ýaraglar ýa-da beýleki ýaraglandyryşa we ýaragsyzlandyrma gözegçilik baradaky beýleki şertnamalar, ÝAÝ-nyň bikanun bazarlara çykarylmagy we esasan hem terrorçylaryň we beýleki jenaýatçy toparlaryň eline düşmek howpuny azaltmak we ÝAÝ eksportyna gözegçiligi güýçlendirmekdir.

2. Bu maksatlara ýetmek üçin, agza döwletler ýarag söwdasy baradaky bar bolan we geljekki milli kanunçylygynyň aşakda görkezilen düzgünlere laýyk gelmegini üpjün etmäge çalyşarlar.

## II BÖLÜM. UMUMY DÜZGÜNLER

1. Agza döwletler öz çäginde bolup geçýän araçylyk işlerine gözegçilik etmek üçin ähli zerur çäreleri görerler.

2.Agza döwletler tarapyndan olaryň raýaty bolan ýa-da ýuridiki taýdan olaryň çäginde hasaba alnan araçylaryň işine gözegçilik etmek meselesine seretmegi hoşallyk bilen garşylanar.

3. Agza döwletler kanuny araçylyk üçin anyk hukuk esasyny dörederler.

4. 1-nji maddanyň maksatlary üçin araçylyk işi, meşgullanýan adamlaryň we guramalaryň işi hökmünde şular hasaplanýar:

- Ýeňil we atyjy ýaraglar baradaky ÝHHG-niň resminamasynda görkezilen zatlaryň, hususan-da onuň girişiniň (preambulasynyň) 3-nji bölüminde islendik daşary ýurtdan başga bir ýurda geçirilmegini öz içine alyp biljek geleşikleri amala aşyrmak barada gepleşikleri geçirmek ýa-da guramak;

ýa-da

- islendik daşary ýurtdan başga bir ýurda emläk hasaplanýan şular ýaly önümleriň geçirilişini guramak, ýa-da olaryň satylmagy we satyn alynmagy.

Bu bent, agza döwletleri araçylyk işini milli kanunlarynda göz öňünde tutulyşy ýaly berk düzgünleşdirmek, milli kanunçylygynda ÝAÝ-yň öz çäginden eksport edilýän ýagdaýlary öz içine alýan araçylyk işiniň kesgitlemesini ulanmak, şeýle önümleri öz çäinden ýa-da başga bir agza döwletiň çäginden getirilende hut öz ygtyýarnama talaplaryndan boşatmak hukugyndan mahrum etmeýär.

## III BÖLÜM. YGTYÝARNAMALAŞDYRMAK / HASABA ALMAK

1. Araçylyk amallaryny ýerine ýetirmek üçin, ýeri gelende milli kanunçylyk tarapyndan talap edilýän bolsa araçynyň ýazgyda duran ýa-da ýurdiki taýdan hasaba alnan ýerinden degişli agza döwletiň ygtyýarly edaralary tarapyndan ygtyýarnama ýa-da ýazmaça görnüşine rugsatnama talap edilýär. Agza döwletler, ýörite araçylyk amallary üçin ygtyýarnamalar ýa-da ýazmaça görnüşindäki rugsatnamalar baradaky arzalara ÝHHG-niň ýeňil we atyjy ýaraglar baradaky resminamasynyň (2000) III bölüminiň düzgünlerine laýyklykda serederler.

2. Agza döwletler III bölümiň 1-nji bendindäki düzgünlerine laýyklykda berlen ähli ygtyýarnamalary ýa-da ýazmaça görnüşindäki rugsatnamalary azyndan on ýyllyň dowamynda saklamalydyr.

## IV BÖLÜM. HASABA ALYŞ WE RUGSATNAMA

1. Agza döwletler araçylardan araçylyk işini amala aşyrmak üçin ýazmaça rugsat almaklaryny talap edip bilerler we şeýle hem ýarag geleşikleri boýunça araçylaryň sanawyny döredip bilerler. Hasaba alynmak ýa-da araçylyk amallaryny amala aşyrmaga rugsatnama almak, her bir geleşik üçin zerur bolan ygtyýarnama ýa-da ýazmaça rugsatnama almak borjuny aýyrmaýar.

2. Araçylyk işini amala aşyrmaga ygtyýarnama almak ýa-da hasaba alynmak üçin haýsydyr bir arza baha berlende, agza döwletler, hususan-da, arza berijiniň mundan ozal bikanun hereketlere gatnaşandygyny görkezýän islendik maglumatlary göz öňünde tutup bilerler.

## V BÖLÜM. MAGLUMAT ALYŞ-ÇALŞYGY

1. Agza döwletler, milli kanunçylyga laýyklykda, araçylyk işleri barada maglumat alyş-çalyş etmek ulgamyny döretmegi göz öňünde tutarlar.

2. Agzalan maglumatlar öz içine aşakdakylary alyp bilerler, hususan-da:

- kanunçylyk;

- hasaba alnan araçylar we olar hakda maglumatlar (bar bolan ýagdaýynda);

- hasaba almakdan we ygtyýarnama bermekden ýüz öwürlen ýagdaýlar (zerur bolan ýagdaýynda).

## VI BÖLÜM. ÝERINE ÝETIRILIŞI ÜPJÜN ETMEK

Her bir agza döwlet, araçylyk gözegçiliginiň düzgünlerini netijeli ýerine ýetirmek üçin degişli sanksiýalary, şol sanda jenaýat sanksiýalaryny üpjün etmäge synanyşar.

## VII BÖLÜM. JEMLEÝJI DÜZGÜN

1. Agza döwletler, bu ýörelgeleriň ÝHHG-niň ýeňil we atyjy ýaraglar baradaky resminamasynyň VI bölüminiň 2-nji we 3-nji bentlerinde görkezilen ýerine ýetirilişi gözden geçirilende nazara alynjakdygy bilen ylalaşýarlar.

2. Bu ýörelgeler Howpsuzlyk sebitindäki hyzmatdaşlygy Forumy tarapyndan kabul edilen gününden güýje girýär.

ÝHHG
**Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy**
**Howpsuzlyk sebitindäki hyzmatdaşlyk forumy**

FSC.DEC/5/08
2008-nji ýylyň
26-njy maýy
TÜRKMEN DILINDE
Asyl nusgasy: IŇLIS DILINDE

**547-nji umumy mejlisi**
FSC Journal No. 553, Gün tertibiniň 3-nji bendi

## KARAR № 5/08
## ÝHHG-NIŇ GÖÇME ZENIT RAKETA TOPLUMYNYŇ EKSPORTYNYŇ GÖZEGÇILIGINE DEGIŞLI ÝÖRELGELERINIŇ TÄZELENMEGI

Howpsuzlyk sebitindäki hyzmatdaşlyk forumy (HHF),

Göçme zenit raketa toplumlarynyň (GZRT) rugsatsyz ÝAÝ ýaýramagynyň we ulanylmagynyň, esasan hem raýat awiasiýasyna, parahatçylygy goraýyş tagallalaryna, (çökgünlikleri) krizisleri dolandyrmakda we terrorçylyga garşy operasiýalarda howp abandyrmagyny dowam etdirýändigini bellemek bilen,

Agza döwletleriň GZRT eksportyna gözegçilik etmek üçin berk milli çäreleriň kabul edilmeginiň zerurdygyna berk ynamyny tassyklamak bilen,

Ýeňil we atyjy ýaraglar boýunça iň oňat tejribe gollanmasynyň GZRT-yň ätiýaçlyk gorlaryny dolandyrmak we olaryň howpsuzlygyny üpjün etmegiň milli proseduralary dogrusyndaky “C” goşundysyny nazara almak bilen,

ýeňil we atyjy ýaraglar baradaky ÝHHG-niň resminamasynyň we Göçme Zenit raketa toplumlary baradaky FSC Kararynyň 7/03 üstüni ýetirmek we şeýlelik bilen ýerine ýetirilişini güýçlendirmek islegi we ÝAÝ-nyň eksport gözegçiliginiň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen,

2004-nji ýylyň 26-njy maýynda kabul edilen GZRT-nyň eksport gözegçiligi boýunça ÝHHG-niň ýörelgeleri baradaky FSC№ 3/04 kararyna salgylanmak bilen,

ÝAÝ-yň bikanun bazara gönükdirilmek töwekgelçiligini azaltmaga kömek etmek karary bilen,

2003-nji ýylyň dekabrynda Maastrihtde kabul edilen ÝHHG-niň 21-nji asyrda Howpsuzlyga we Durnuklylyga abanýan howplary çözmek strategiýasynda bellenilişi ýaly, ÝHHG-niň Ýeňil we atyjy ýaraglar baradaky resminamasynda göçme zenit raketa toplumlary kategoriýasyna degişli edilen ähli GZRT-y ÝAÝ-nyň ýaýramagyna garşy elinde bar ähli tagallalary edýändigini nazara almak bilen,

Wassenaar ylalaşyklarynyň çäginde bu mesele boýunça ýörelgeleri işläp düzmek we olaryň astynda işlenip düzülen “Göçme zenit raketa toplumlarynyň eksportuna gözegçilik elementleri” ulanylyşyny giňeltmek isleýän tagallalaryny ykrar etmek bilen,

karar edýär:

Wassenaar ylalaşyklarynyň çäklerinde düzülen “Göçme zenit raketa toplumlarynyň eksport gözegçiligi boýunça elementleri” boýunça GZRT-nyň eksportuna gözegçilik etmek boýunça aşakdaky täzeden seredilen ýörelgeleri tassyklamaly:

1. Ulanyş gerimi

1.1 Bu ýörelgeler aşakdakylara degişlidir:

(a) daşalmagy we ulanylmagy üçin bir adam ýeterlik bolan, göçme häsiýetli taslamalaşdyrylan, raketa ulgamynyň “gury-ýer – howa” klassyna degişli edilen

b) beýleki raketa ulgamlarynyň “gury ýer – howa” klassyna degişli edilen, şol bir häsiýetli taslamaşdyrylan, ulanylmagy üçin azyndan ekipažy düzýän iki adam gerek bolan we birnäçe adam tarapyndan daşalýan.

1.2 Milli eksport gözegçiligi GZRT halkara geçirilişi ýa-da soňraky geçirilişine degişlilikde ulanylýar, ol öz içine kompletkdaky ulgamlar, düzüji bölekler, ätiýaçlyk şaýlary, nusgalar, okuw ulgamlary we türgenleşdirijiler, islendik maksatlar we islendik usullar bilen, şol sanda ygtyýarnama esasyndaky eksport, satmak, tölegsiz geçirmek, wagtlaýyn eýeçilige bermek, lizing, bilelikdäki eýeçilik ýa-da ygtyýarnama boýunça öndürmek (mundan beýläk “eksport” diýlip atlandyrylýar).
Eksport düzgünleri we şuňa meňzeş gözegçilikler gözleg, taslama, işläp düzmek, tejribe-taslama işleri, taýýarlamak, önümçilik, ýygnamak, synag etmek, teniki-abatlaýyş işleri, hyzmat ediş, üýtgetmek, kämilleşdirmek, döwrebaplaşdyrmak, ulanmak, işe girizmek, çalyşmak ýa-da gaýtadan işlemek, GZRT-ny ýaragsyzlandyrmak we ýok etmek üçin ulanylýar; tehniki maglumatlar, programma üpjünçiligi, tehniki kömek, görkezmek we bu funksiýalary ýerine ýetirmek üçin okuw we işgärleri taýýarlamak; şeýle hem howpsuz transport we ammarda saklanyş. Milli kanunçylyga baglylykda, bu çäreler maýa goýum işlerine, marketing, mahabat we beýleki çärelere hem ulanylyp bilner.

1.3 Öndüriji ýurduň çägindäki GZRT bilen baglanyşykly islendik iş milli kanunlara we düzgünlere tabyn edilýär.

2. Agza döwletler GZRT-nyň önümçilik tehnologiýalaryny geçirende takatlylygyň iň ýokary derejesini görkezýärler we şeýle geçirmek kararyna gelende 3.5, 3.6, 3.7 we 3.9-njy bentlerde görkezilen ýörelgeleri göz öňünde tutmalydyrlar.

3. Gözegçilik şertleri we baha beriş ölçegleri

3.1 GZRT-yň eksportyna ygtyýar berýän kararlar, eksport ediji ýurduň hökümetiniň ygtyýarly edaralary tarapyndan ýokary direktiwa derejesinde kabul edilýär we eksporta diňe beýleki ýurtlaryň hökümetlerine ýa-da hökümetiň adyndan çykyş etmek üçin ýörite ygtyýarly wekillere kabul ediji ýurduň hökümeti tarapyndan tassyklanan ahyrky ulanyjy sertifikaty (AUS) esasynda rugsat edilýär.

3.2 GZRT-yň eksporty üçin umumy ygtyýarnamalar ulanylm aýar; her bir geçiriş işi üçin aýratyn ygtyýarnama bermek karary talap edilýär.

3.3 GZRT-y geçirilende, eksport ediji ýurtlaryň hökümetleri, hökümetiň adyndan hereket etmek üçin ýörite ygtyýarlyklary bolmasa, hökümete degişli däl araçylaryň ýa-da araçy şereketleriň hyzmatlaryndan peýdalanmaýarlar.

3.4 Rugsat berilmedik ulanylmakdan gaça durmak maksady bilen, önümçilik ýurtlary täze döredilen GZRT-lary, degişli tehnologiýalara ukyplylykda, ulanylanda we/ýa-da işe girizilende tehniki parametrleri gözegçilikde saklamaga mümkinçilik berýän enjamlar bilen enjamlaşdyrýarlar.

Şeýle çäreler kanuny ulanyjylar üçin niýetlenen GZRT-nyň söweş netijeliligine ýaramaz täsir etmeli däldir.

3.5 GZRT-nyň eksportyna ygtyýar berýän kararlar kabul edilende, şular göz öňünde tutulýar:

- kabul-ediji ýurtda GZRT-yň bikanun başga ugra gönükdirilmegi ýa-da nädogry we maksada laýyk däl ulanylmagy;

- kabul-ediji ýurduň hökümetiniň GZRT-yň rugsatsyz soňraky geçirilmeginiň, ýitmeginiň, ogurlanmagynyň we bikanun ýaýramagynyň öňüni almak ukyby we islegi;

- kabul ediji ýurduň hökümeti tarapyndan harby emlägi, obýektleri, nagt serişdeleri we inwentarlar ätiýaçlyklaryny goramak üçin zerur fiziki howpsuzlyk çäreleriniň ýeterlikligi we netijeliligi.

3.6 GZRT-yň eksportyna rugsat bermezden ozal (1.2-nji bentde görkezilişi ýaly) eksport ediji ýurduň hökümeti, kabul ediji ýurduň hökümetinden aşakdakylaryň kepilligini alýar:

- eksport ediji ýurduň hökümetiniň deslapky razyçylygy bolmazdan, GZRT-y gaýtadan eksport etmezligini;

- GZRT-y we olaryň böleklerini diňe resmi hökümetara şertnamalarynyň, şol sanda bilelikdäki önümçilik ýa-da önümçilige ygtyýarnama bermek baradaky şertnamalary we bu karardan soň gol çekilen we ýerine ýetirilen şertnama resminamalaryna laýyklykda we ahyrky ulanyş şertlerinde kepillikleriň ýa-da hereket edýän eksport ygtyýarnamalarynyň ýerine ýetirilmegi esasynda islendik üçünji ýurda geçirýär.

- eksport ediji döwletiň, zerur bolan halatynda we import ediji döwletiň GZRT we olaryň bölekleri [1]üçin ahyrky ulanyş kepilliklerini ýerine ýetirýändigini barlamaga mümkinçilik berýär (bu ätiýaçlyk şertlerini barlamak üçin ýerlerde ätiýaçlyk gorlarynyň ammarlara ýerleşdirilşi ýa-da ätiýaçlyk gorlarynyň dolandyrylyşy ýa-da taraplaryň arasyndaky beýleki ylalaşyklar boýunça barlagyň görnüşini alyp biler);

Gizlin materiallaryň ýa-da maglumatlaryň ulanylýan ikitaraplaýyn ylalaşyklara laýyklykda rugsatsyz girmegiň ýa-da aýan edilmeginiň öňüni almak üçin olaryň degişli howpsuzlygyny üpjün eder; we

- islendik GZRT materiallarynyň aýan edilmegi, rugsatsyz ulanylmagy, ýitirilmegi ýa-da ogurlanmagy ýaly ýagdaýlar barada eksport ediji ýurda gaýragoýulmasyz habar berer.

3.7 Mundan başga-da, eksport ediji ýurduň hökümeti, kabul ediji ýurduň hökümetiniň GZRT-yň materiallarynyň howpsuz we ygtybarly saklanmagyny, daşalmagyny we ulanylmagyny, artykmaç ätiýaçlyk gorlarynyň rugsatsyz elýeterliligiň ýa-da ulanylmagynyň öňüni almak üçin utilizasiýa ýa-da ýok edilmegini üpjün etmek üçin netijeli çäreleri görmäge taýýardygyna we başarjakdygyna göz ýetirmeli; kabul-ediji döwletiň hökümetiniň ýeterlik howpsuzlygy üpjün etmek üçin milli proseduralary aşakdaky, gutarnykly däl tejribe toplumy ýa-da deňeşdirip boljak gorag we jogapkärçilik derejesini üpjün edýän beýleki çäreleri öz içine alýar:

- getirilýän GZRT-nyň kabul edilendigi barada ýazmaça görnüşinde tassyknama;

- fiziki taýdan mümkin boldugyça, ähli iberilen işe giriziş enjamy we raketalaryň asyl iberilişiniň yzygiderli belgisi boýunça sanawynyň şeýle hem inwentar maglumatlaryň resminamalaýyn ýazgylaryny ýöretmek;

---

[1] "GZRT we olaryň komponentlerine degişlilikde ahyrky ulanyjynyň kepillikleri" diýip, diňe olaryň ahyrky ulanyjynyň sertifikatynda ýa-da import ediji ýurduň borçnamalaryny öz içine alýan başga resminamadaky görkezilen maksatlar üçin ulanylyşy diýip düşünmeli.

- aýda azyndan bir gezek geçiriljek ähli GZRT-yň fiziki sanawyny geçirmek; parahatçylyk döwründe ulanylan ýa-da zeper ýeten GZRT-yň böleklериniň seriýa belgileri boýunça ýazgylaryny ýöretmek;

- howpsuzlygyň we ygtyýar etmegiň iň ýokary gözegçiligini kepillendirýän saklanyş şertlerini üpjün etmek. Bu aşakdakylary öz içine alyp biler:

- GZRT-yň gurluşy oňa mümkinçilik berýän ýagdaýynda, bir desga rugsatsyz girmek ikinji bir desga howp salmaz ýaly, raketalary we işledýän gurluşlary biri-birinden ýeterlik derejede uzaklaşdyran ýerlerde saklamak;

- üznüksiz (gije-gündiziň dowamynda) gözegçiligi üpjün etmek;

- ammara girmek üçin zerur şert hökmünde azyndan iki sany ygtyýarly adamyň bolmagyny talap edýän ätiýaçlyk çäreleri görmek;

- GZRT-yň ýörite goralyp daşalýan ýaraglaryň we ok-därileriň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin iň ýokary ülňüleriň we tejribeleriň berjaý edilmegini kepillendirýän görnüşde daşamak. Raketalary we işledýän gurluşlary, mümkin boldugyça dürli gaplarda daşamak;

- ulanylyp boljak halatlarda, esasy komponentleri bir ýere getirmek we ýygnamak - adatça tutawaç we raketa bilen atyş turbasy - diňe şu ýagdaýlarda: eýýäm dowam edýän ýa-da garaşylýan söweş hereketler; yzygiderli meýilleşdirilen söweş täliminde we GZRT-yň tapgyryny synag etmek maksady bilen diňe atyşda ulanylmagy meýilleşdirilýän ýaraglary ammardan çykarmak, ýygnamak we atyş etmek; iň möhüm desgalary goramak üçin degişli ýaraglar ulanylanda; kabul edýän we geçirýän ýurtlaryň hökümetleriniň arasynda ylalaşylyp bilinjek beýleki ýagdaýlarda;

- material bölümine we oňa degişli islendik gizlin maglumatlara elýeterlilik, şol sanda ulanmak boýunça görkezmeler, tehniki we taslama resminamalary (mysal üçin, GZRT ulanmak boýunça gollanma), kabul ediji ýurduň hökümetiniň degişli rugsady bolan we borçlaryny ýerine ýetirmek üçin bu maglumatlary bilmek tabşyrylan harby we raýat işgärleri bilen çäklener. Habar berlen islendik maglumatlar işgärleriň özlerine berlen wezipeleri ýerine ýetirmekleri üçin zerur bolan maglumatlar bilen çäklener we mümkin boldugyça diňe dilden we wizual görnüşde habar berler;

- milli zerurlyklar nukdaýnazaryndan artykmaç hasaplanan ýa-da artykmaçlyk edip biljek islendik GZRT-y ätiýaçlyklaryny netijeli we ygtybarly utilizasiýa ýa-da ýok etmek ýaly dolandyryş tejribesini kabul etmeklik.

3.8 Nirede we haçan maksadalaýyk bolan ýagdaýynda, agza döwletler GZRT-a ygtybarly gözegçilik etmäge ýagdaýy bolmadyk kabul ediji ýurtlaryň hökümetlerine artykmaç ätiýaçlyk gorlaryny utilizasiýa etmäge, şol sanda ozal gowşurylan ýarag birliklerini gaýtadan satyn almak çäreleri arkaly kömek ederler. Şeýle çäreleri görmek üçin, eksport ediji hem-de kabul-ediji döwletleriň razyçylygy hökmanydyr.

3.9 Eksport ediji ýurtlaryň hökümetleri, ýokardaky 3.6 we 3.7-nji bentlerde görkezilen eksport gözegçiliginiň kepilliklerini we tejribesini berjaý etmeýän diýip ygtybarly kesgitlenen potensial kabul ediji ýurtlaryň hökümetleri barada maglumatlary biri-biri bilen paýlaşarlar.

3.10 Bikanun başga ugra gönükdirilmeginiň öňüni almak ugrundaky tagallalary güýçlendirmek maksady bilen, eksport ediji ýurtlaryň hökümetleri GZRT-y satyn almaga synanyşýan ýa-da synanyşyp biljek döwlete degişli bolmadyk subýektler barada maglumatlary biri-biri bilen paýlaşarlar.

3.11 Nirede we haçan maksadalaýyk bolan ýagdaýynda, agza döwletler GZRT-yň we olaryň düzüm bölekleriniň geçirilmegine gözegçilik etmek üçin kanunçylyk binýadyny işläp düzmekde we durmuşa geçirmekde tehniki we bilermen kömegi bilen agza bolmadyk döwletleri (hyzmatdaşlyk boýunça ÝHHG-niň hyzmatdaşlary ýaly) olaryň ýüztutmasy esasynda üpjün ederler.

3.12 Nirede we haçan maksadalaýyk bolan ýagdaýynda, agza döwletler, agza däl döwletleriň haýyşy boýunça GZRT we olaryň bölekleriniň daşalmagyna gözegçilik, ätiýaçlyk gorlaryny dolandyryş we fiziki howpsuzlyk meselelerinde tehniki we bilermen kömegini bererler.

4. Agza döwletler GZRT bilen baglanyşykly eksport gözegçiligi kanunlarynyň islendik bozulmasynyň degişli temmi jezasyna, şol sanda jenaýat jogapkärçiligi bilen baglanyşykly jezalara sezewar edilmegini üpjün edýärler.

5. Agza döwletler bu ýörelgeleri milli tejribelerine, syýasatlaryna we/ýa-da düzgünlerine girizmäge razylaşýarlar.

6. Agza döwletler, ÝHHG-niň ÝAÝ baradaky resminamasynda görkezilen maglumat alyş-çalyş düzgünlerini, şeýle hem geljekde ylalaşylyp bilinjek GZRT-a degişli islendik maglumat alyş-çalşygy mehanizmlerini ulanyp, GZRT-yň geçirişi barada habar bererler.

7. Agza döwletler bu ýörelgeleriň durmuşa geçirilişini yzygiderli gözegçilikde saklarlar.

8. Agza döwletler ýokardaky ýörelgeleriň ÝHHG-na agza däl ýurtlara degişlilikde ulanylmagyny öňe sürmäge razylaşýarlar.

Şu karar, 2004-nji ýylyň 26-njy maýynda kabul edilen "ÝHHG-niň Göçme zenit raketa toplumlarynyň eksport gözegçiligi babatyndaky ýörelgeleri" atly HSHF-nyň № 3/04 belgili kararynyň ýerini tutýar.

ÝHHG
**Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy**
**Howpsuzlyk sebitindäki hyzmatdaşlyk Forumy**

FSC.DEC/11/08
2008-nji ýylyň
5-nji noýabry
TÜRKMEN DILINDE
Asyl nusgasy: IŇLIS DILINDE

**562-nji umumy mejlisi**
FSC Journal No. 568, Gün tertibiniň 3-nji bendi

## Karar №11/08
## ÝEŇIL WE ATYJY ÝARAGLARYŇ HOWA ULAGLARY ARKALY DURNUKSYZ GEÇIRILMEGINIŇ ÖŇÜNI ALMAK BOÝUNÇA ÖŇDEBARYJY TEJRIBÄNI GIRIZMEK WE DEGIŞLI SOWALNAMA BARADA

Howpsuzlyk sebitindäki hyzmatdaşlyk forumy (HHF),

Howa ulagynyň Birleşen Milletler Guramasynyň ýarag embargosynyň ýa-da hususan-da ýaragly dawa-jenjeliň dowam edýän ýerlerinde ÝAÝ-yň bikanun getirilmegi üçin esasy kanallardan biridigini nygtamak bilen,

käbir ulag kompaniýalarynyň ýa-da we olara degişli wekiller we araçylar resmi barlaglardan we hukuk kadalaryny berjaý etmekden boýun gaçyrmak üçin ulag resminamalaryny galplaşdyrmak, ýaragyň gelip çykyşy baradaky maglumaty gizlemek, şol sanda ol bikanun öndürilen ýa-da ýaragyň gelip çykyşy näbelli we şübhe döredýän bolsa, hakyky uçuş meýilnamalaryny, ugurlaryny we barjak ýerlerini gizlemek, howa gämisiniň hasaba alnyşyny galplaşdyrmak ýa-da hasaba alyş belgilerini çalt üýtgetmek ýaly birnäçe usullary ulanýandyklaryny bellemek bilen,

howa ulagyna degişli bar bolan halkara ülňüleri, hususan-da Çikago halkara raýat awiasiýasy konwensiýasynyň 35-nji maddasyny we 18-nji Goşundysyny, şeýle hem milli kanunlary we düzgünleri göz öňünde tutmak bilen,

Birleşen Milletler Guramasynyň ýeňil we atyjy ýaraglaryň (ÝAÝ) bikanun söwdasynyň öňüni almak we ýok etmek boýunça hereket maksatnamasynyň ähli ugurlarynda dowam etdirilmegini we doly durmuşa geçirilmegini goldamak, ÝAÝ-nyň çenden aşa we durnuksyz toplanmagynyň we gözegçiliksiz ýaýramagyň azalmagyna we öňüni almaga goşant goşmak we ÝAÝ-yň bikanun dolanyşyga gönükdirilmegi we terrorçylaryň we beýleki jenaýatçy toparlaryň eline geçmek töwekgelçiligini nazara almak bilen,

Ýeňil we atyjy ýaraglaryň howa arkaly bikanun dolanyşygyna garşy göreşmek boýunça Ministrler Geňeşiniň № 9/06 kararyna salgylanmak bilen,

Şol bir mesele boýunça HHF № 7/06 kararyny tassyklamak bilen,

HSHF-nyň ýeňil we atyjy ýaraglaryň howa arkaly bikanun dolanyşygyna garşy göreşmek boýunça ýörite maslahatynda (FSC.DEL/185/07/Täz.ser.l) Howpsuzlyk sebitindäki Hyzmatdaşlygy Forumynyň başlygynyň hasabatyny we onda beýan edilen teklipleri we geljekki işleriň ugurlaryny nazara almak bilen,

Agza döwletleriň öz aralarynda ýeňil we atyjy ýaraglary howa arkaly daşalmagy boýunça milli tejribeleri barada maglumatlarynyň bir wagtdaky alyş çalşygyny täzelemegiň, şeýle hem bu ugurdaky iň oňat tejribeleri alyşmak baradaky alyş-çaşlygyny täzelemegiň maksadalaýykdygyna ynanmak bilen;

ÝHHG-niň ýeňil we kiçi ýaraglar sebitinde iň oňat tejribe Gollanmasyna salgylanmak bilen,

ýeňil we atyjy ýaraglar barada bar bolan maglumat alyş-çalşygyna salgylanmak bilen,

karar edýär:

- Karara goşulan (Goşundy I) Wassenaar ylalaşyklarynyň çäklerinde işlenip düzülen "Howa ulaglary arkaly ýeňil we atyjy ýaraglaryň durnuksyz geçirilmeginiň öňüni almak boýunça iň oňat tejribe" resminamasyny ulanmak üçin standart element hökmünde kabul etmek;

- Agza döwletler, ýeňil we atyjy ýaraglar baradaky ÝHHG-niň resminamasynyň III babynyň F bölüminiň 2-nji bendinde göz öňünde tutulan birwagtda maglumat alyş-çalşygy hökmünde (2000-nji ýylyň 24-nji noýabryndan FSC.DOC/1/00 ), 2009-njy ýylyň 30-njy iýunyndan gijä galman, şu Kararyň 2-nji Goşundysyndaky Sowalnamanyň esasynda milli tejribeleri barada goşmaça maglumatlary bermeli.

FSC.DEC/11/08
2008-nji ýylyň 5-nji noýabry
Goşundy 1

# WASSENAAR YLALAŞYKLARYNYŇ ÇÄKLERINDE YLALAŞYLAN "HOWA ULAGLARY ARKALY ÝEŇIL WE ATYJY ÝARAGLARYŇ DURNUKSYZ GEÇIRILMEGINIŇ ÖŇÜNI ALMAK BOÝUNÇA IŇ OŇAT TEJRIBE"

## 1. Ulanylyş gerimi

Bu iň oňat tejribe, hökümet, harby ýa-da döwlet tarapyndan kireýine alnan howa gämileri arkaly daşalýanlardan başga ýeňil we atyjy ýaraglaryň (ÝAÝ) howa arkaly daşalmalaryny öz içine alýar.

Agza döwletler öz harby, hökümet ýa-da döwlet tarapyndan kireýine alnan howa gämileri arkaly daşamalary üçin doly jogapkärçilik çekýändiklerini ykrar edýärler we beýleki döwletleri hem şol jogapkärçiligi öz üstüne almaga çagyrýarlar.

## 2. Çäreler

Ýeňil we atyjy ýaraglaryň döwlete dahylsyz daşalmagyna degişlilikde, eger-de olar agza döwletleriň kanunlary tarapyndan gadagan edilmedik halatynda, degişli ýagdaýlarda aşakdaky çäreler görüler:

2.1 ÝAÝ degişlilikde, eksport ygtyýarnamasy berlende, her bir agza döwlet eksport edijiden hakyky eksport amala aşyrylmazyndan ozal howa daşamagy barada goşmaça maglumat bermegini talap edip biler.

Daşama barada goşmaça maglumatlar aşakdaky elementleri öz içine alyp biler:

- daşamaga gatnaşýan howa daşaýjysy we ýük ekspeditory;

- howa gämisiniň hasaba alnyşy we baýdagy;

- niýetlenen uçuş ugry we meýilleşdirilen duralgalar;

- howa arkaly öňki şuňa meňzeş daşamalar baradaky teswirnamalar;

- ýaragyň howa arkaly daşalmagy bilen baglanyşykly bar bolan milli kanunçylygy ýa-da halkara şertnamalary berjaý etmek.

Muňa garamazdan, eksport ygtyýarnamasy üçin ýüz tutulanda howa arkaly daşamagyň we ugurlaryň jikme-jik maglumaty adatça belli bolmasa-da, agza döwlet bu maglumatlar ýük eksport edilmezinden ozal döwlet edaralaryna bildirilmegi şerti bilen eksport ygtyýarnamasyny berip biler; bu ýagdaýda hakyky eksporta gözegçilik edýän hukuk goraýjy edaralaryň işgärlerine talap edilýän goşmaça maglumatlaryň berilendigi tassyklanmazdan şeýle ygtyýarnamanyň güýjüniň ýokdugy belli edilýär.

2.2 Agza döwletleriň haýsydyr birine 2.1-nji bentde görkezilen talaplary ýerine ýetirmedik eksport ediji, howa daşaýjysy ýa-da wekili barada, ÝAÝ-ny howa arkaly durnuksyz eskport etmek synanyşygy barada, ýa-da meýilleşdirilen ÝAÝ-ny eksporty durnuksyz toplanmaga goşant goşýan ýa-da barjak sebitiň howpsuzlygyna we durnuklylygyna howp abandyrýan bolmagy barada maglumatlardan habarly bolanynda zerur bolan halatynda ol maglumatlary beýleki agza döwletler bilen paýlaşmalydyr.

2.3 Her bir agza döwletiň degişli edaralary eksport edijiden eger-de ÝAÝ onuň milli çäginde ýerleşýän howa meňzilinden/aerodromdan eksport edilen ýa-da oňa getirilen ýa-da ondan iberilen, ýa-da onuň baýdagyny göterýän howa gämisi arkaly daşalan bolsa eltip berilendigini tassyklaýan ýük düşüriş şahadatnamasynyň ýa-da başga bir resminamanyň berilmegini talap edip biler.

2.4 Agza döwletler milli gözegçilikden we barlagdan boýun gaçyrmaklygyň öňüni almak üçin degişli çäreleri görüp bilerler, şol sanda ýokardaky 2.1 we 2.3-nji bentleriniň talaplaryny ýerine ýetirmedik eksport edijiler, howa daşaýjylary we wekiller baradaky maglumatlary we durnuksyz toplanmaga goşant goşup biljek ýa-da barmaly sebitinde howpsuzlyga we durnuklylyga howp abandyryp biljek howa ulaglary arkaly ÝAÝ üstaşyr geçirilmegi ýa-da daşalmagy ýagdaýlarynyň öňüni almak üçin meýletin esasda paýlaşmak.

2.5 Eger-de agza döwletde howa gämisiniň ýüküniň ÝAÝ-y öz içine alýandygyny we onuň uçuş meýilnamasynda BMG-nyň ýarag üpjün etmegi boýunça embargosynyň hereket edýän ýa-da dawa-jenjelleriň dowam edýän zolagy girýän bolsa ýa-da eksport ediji howa daşaýjysy ýa-da degişli agentiň howa arkaly durnuksyz geçirmeklikde ýa-da 2.1 ýa-da 2.3-nji bentlerde görkezilen talaplary ýerine ýetirmezlikde güman edilýän maglumatlar bar bolsa, bu ýagdaý degişli milli hukuk goraýjy edaralaryň dykgatyna ýetirilmelidir.

**3. Döwlet bilen hususy pudagyň arasyndaky gepleşik**

Agza döwletler milli esasda we degişli halkara guramalarynyň çäklerinde howa daşaýjylaryny bu çäreleriň ýerine ýetirilişi barada habarly edip durmak boýunça jogapkärçiligi öz üstlerine alýarlar.

# ÝEŇIL WE ATYJY ÝARAGLARYŇ HOWA ARKALY BIKANUN DAŞALMAK ÝOLY BILEN ÝAÝRAMAKLYGYŇ ÖŇÜNI ALMAK BOÝUNÇA MILLI TEJRIBE BOÝUNÇA SOWALNAMA

**Ýurt:**

N.B. Bu soraglar hökümet, harby ýa-da hökümet tarapyndan kireýine alnan uçuşlara degişli däl.

1. Nähili ýagdaýlarda howa gatnaýjylary özleriniň ähli işleri ýa-da ÝAÝ we ok-därileri daşamak üçin her bir amal üçin administrasiýaňyzdan öňünden ygtyýarnama almaly? Eger zerur bolsa, siziň çägiňizde hereket edýän milli kompaniýalar bilen daşary ýurt kompaniýalaryny tapawutlandyryň.

2. Howa arkaly ÝAÝ we olara degişli ok-därileriň daşamagyň (geçirmegiň) araçylarynyň (dellalarynyň) (meselem, ygtyýarnamalaşdyrmaga, hasaba almaga, okuwa we ş.m. degişli) nähili borçlary bar?

3. Haýsy kanuny esasda Gümrük we hukuk goraýjy edaralar siziň milli çägiňizde howa gämilerini we olaryň ýüklerini barlap bilerler? (Şeýle barlag üçin kanuny esas haýsy talaplara laýyk gelmeli?)

4. Şeýle barlagyň netijesinde jenaýatyň ýa-da kanuny bozulmanyň ýüze çykarylan halatynda, haýsy çäreler we mümkin sanksiýalar kabul edilip (ulanylyp) bilner?

5. Üstaşyr we/ýa-da daşalýan ýükleri barlamak üçin kanuny esas barmy?

6. Siziň pikiriňizçe, ÝAÝ-da bikanun dolanyşygyna garşy göreşiň çäginde rugsatnama bermek, gözegçilik etmek we (ýa-da) siziň çägiňizden üstaşyr ýarag geçirmeklige gözegçilik etmek üçin jogapkär häkimiýetleriň arasynda utgaşdyrmak we maglumat alyşmak (Goranmak we raýat awiasiýasy ministrlikleri, gümrük we hukuk goraýjy edaralar) ulgamlary gowy sazlaşdyrylamy ýa-da olary kämilleşdirilmelimi? Degişli amallary ýerine ýetirmek kynmy? Haýsy kämilleşdirmeleri (gowulaşmalary) teklip edip bilersiňiz?

7. ÝHHG-niň beýleki agza döwletlerine bermek üçin ýerlikli bolup biljek goşmaça maglumatlar.

Goşundy V

FSC.DEC/11/08
2008-nji ýylyň 5-nji noýabry
Goşmaça
TÜRKMEN DILINDE
Asyl nusgasy: IŇLIS DILINDE

**ÝEWROPADA HOWPSUZLYK WE HYZMATDAŞLYK GURAMASYNYŇ ÇÄRELERINIŇ DÜZGÜNLERINIŇ IV BABYNYŇ 1 (A) 6-NJY BENDINE LAÝYKLYKDA DÜŞÜNDIRIŞLI ARZASY**

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň wekiliýeti tarapyndan:

"Amerikanyň Birleşen Ştatlary FSC.DEC/11/08 kararyny makullaýar we HSHF-iň standart elementi hökmünde ulanyljak ýeňil we atyjy ýaraglaryň howa arkaly durnuksyz geçirilmeginiň öňüni almak üçin Wassenaar ylalaşyklarynyň çäginde ýerine ýetirilen peýdaly işlerini goldaýar.

Amerikanyň Birleşen Ştatlary, bu elementiň ulanylmagy bilen baglanyşykly, eksport edijiniň wekilleriniň, işgärleriniň we ygtyýarly eksporta gatnaşýan beýleki işgärleriň jogapkärçiligini üpjün edýän bar bolan eksport düzgünleriniň ähmiýetini bellemek isleýär. Bu jogapkärçilik, eksport edijiniň ygtyýarly ahyrky ulanyja ygtyýarly ahyrky ulanmak üçin eltip bermekde ulanylýan ygtyýarly eksport ulag serişdeleri barada habarlylygyny öz içine alýar".

ÝHHG

**Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy**
**Howpsuzlyk sebitindäki Hyzmatdaşlyk Forumy**

FSC.DEC/11/09
2009-njy ýylyň 25-nji noýabry
TÜRKMEN DILINDE
Asyl nusgasy: IŇLIS DILINDE

**596-njy umumy mejlisi**
FSC Journal No. 602, gün tertibiniň 5-nji bendi

# KARAR №11/09
# ÝHHG-NIŇ ÝEŇIL WE ATYJY ÝARAGLAR BOÝUNÇA RESMINAMASYNYŇ V BÖLÜMINIŇ ÝERINE ÝETIRILIŞINE DEGIŞLI BILERMEN MASLAHATLARY BARADA HSHF 15/02 FSC KARARYNYŇ TÄZELENEN GÖRNÜŞI

Howpsuzlyk sebitindäki hyzmatdaşlyk forumy (HHF),

agza döwletler tarapyndan ýeňil we atyjy ýaraglar baradaky resminamada (FSC.DOC/1/00) görkezilen borçnamalary ýene-de bir gezek tassyklamak bilen,

ÝHHG-niň ýeňil we atyjy ýaraglar baradaky resminamasynyň V bölüminiň (2002-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky FSC.DEC/15/02) ýerine ýetirilişi barada bilermenleriň maslahat bermegi baradaky kararyny nazara almak bilen,

maglumat alyş-çalşygyny, amaly hyzmatdaşlygy höweslendirmek, ýurtlaryň ÝHHG-niň ýeňil we atyjy ýaraglar baradaky resminamasynyň netijeli durmuşa geçirilmegi üçin döwletlere milli mümkinçilikleri döretmekde kömek bermekde degişli tejribe edinmegini, Birleşen Milletler Guramasynyň maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegine goldaw bermek üçin ähli ugurlarda ýeňil we kiçi ýarag söwdasynyň öňüni almak we ýok etmek üçin edilen tagallalaryny makullamak bilen,

adaty ok-därileriň ätiýaçlyk gorlary baradaky resminamada (FSC.DOC/1/03) kabul edilen has jikme-jik durmuşa geçiriş mehanizmleriniň peýdalydygyny we ÝHHG-niň çäginde durmuşa geçiriş mehanizmlerini utgaşdyrmagyň we standartlaşdyrmagyň zerurdygyny ykrar etmek bilen,

şulary karar berýär:

HSHF-nyň FSC No.15/02 Karary, ÝHHG-niň ýeňil we atyjy ýaraglar baradaky resminamasynyň V bölümini durmuşa geçirmek baradaky goşmaça bilermen maslahatlary bilen bilelikde täzelener;

şu karar kabul edilen gününden №15/02 Kararyň ýerini tutýar.

Goşundy VI

FSC.DEC/11/09
2009-njy ýylyň 25-nji noýabry
Goşundy 1

**ÝHHG-niň ÝEŇIL WE ATYJY ÝARAGLAR BOÝUNÇA RESMINAMASYNYŇ V BÖLÜMININ ÝERINE ÝETIRILIŞI BARADA BILERMEN MASLAHATLARY**

**A. Giriş**

1. Agza döwletler ýeňil we atyjy ýaraglaryň (ÝAÝ) durnuksyzlaşdyryjy toplanmagyň we gözegçiliksiz ýaýramagyndan abanýan howplar barada alada etmegi dowam etdirýärler. ÝHHG-niň ýeňil we atyjy ýaraglar barada resminamasynyň V bölüminiň durmuşa geçirilmegi, irki (ilkinji) duýduryş, dawa-jenjelleriň öňüni almak, çökgünligi dolandyryş we çökgünlikden soňky dikeldiş şertlerinde hemişelik Geňeş bilen howpsuzlyk sebitindäki Hyzmatdaşlyk Forumynyň bilelildäki tagallary netijesinde ähmiýetli bolup durýandyr. Mundan başga-da, Gurama terrorçylyk ulgamlarynyň üpjünçiligini bu çeşmeden kesmek üçin çäreleri görmäge mümkinçilik döretmek bilen ÝHHG-niň terrorçylyga garşy tagallalaryna goşant goşup biler.

**B. V bölümiň durmuşa geçiriş meýilnamasy**

1. ÝHHG-ni- ÝAÝ boýunça resminamasynyň V bölümi, atyjy ýaraglara degişli çäreleri ÝHHG-niň beýleki ugurlardaky işlerini goşmak üçin esas berýär. Resminama laýyklykda, şeýle çäreler aşakdakylary öz içine alyp biler:

- atyjy ýaraglaryň ätiýaçlyk gorlarynyň howpsuzlygyny üpjün etmäge we dolandyrmaga kömek;

- atyjy ýaraglary azaltmaga we ýok etmäge kömek we bu amallara mümkin bolan gözegçilik;

- atyjy ýaraglaryň bikanun söwdasyny azaltmak maksady bilen serhet gözegçiligini döretmekde we berkitmekde maslahat hyzmatlaryny ýa-da özara kömek bermek;

- atyjy ýaraglary ýygnamak we gözegçilikde saklamak maksatnamalaryny durmuşa geçirmäge kömek.

2. Her bir agza döwlet, öz howpsuzlyk nukdaýnazaryndan ÝAÝ-yň durnuksyz toplanmagy we gözegçiliksiz ýaýramagy meselelerini kesgitlemeli we ara alyp maslahatlaşmak üçin, Howpsuzlyk sebitindäki hyzmatdaşlyk Forumyna ýa-da hemişelik geňeşine beýan etmelidir. ÝHHG-y diňe bir ýa-da birnäçe agza döwletiň öz çägindäki ÝAÝ bilen baglanyşykly meseleleri çözmek üçin ýüzlenmesi boýunça çäre görüp biler.
Şeýle çäreler, elbetde, diňe ýüzlenen döwletiň hökümetiniň razyçylygy we onuň bilen ýakyn hyzmatdaşlykda amala aşyrylyp bilner. Şeýle ýagdaýlarda, belli bir orunlar - ýagdaýa baha bermekde we bolup biljek indiki çärelerde hereket etmek, degişli ýurtlarda bar bolsa, ÝAÝ we ÝHHG-niň missiýalary boýunça bilermenler toparyna bellenilip bilner.

ÝHHG-niň missiýalarynyň ÝAÝ ulgamynda islendik işe gatnaşmagy olaryň mandatlaryna laýyk gelmelidir. Zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda bolsa, ÝHHG-niň ÝAÝ baradaky resminamasynda görkezilişi ýaly, bu mandatlar giňeldilip bilner. Beýleki halkara guramalary we agzalary bilen maslahatlaşmaga we utgaşdyrmaga hem üns berilmelidir. ÝHHG öz Hereketlerinde, aşakda beýan edilen we 2-nji goşundyda görkezilen shemada jemlenen ädimleriň yzygiderliligini yzarlamalydyr.

**C. Zerurlyk we kömek barada aç-açanlyk**

1. Degişli agza döwlet ÝHHG-niň ÝAÝ baradaky resminamasynyň IV bölüminde beýan edilýän talaplary nazara almak bilen, ÝAÝ artykmaç gorlarynyň islendik möçberi we bu gorlaryň howpsuzlyk döredip-döretmeýänligi we bu howpa garşy daşardan kömegiň gerekligini kesgitlemäge özi jogapkärçilik çekýär.

**Kömek soraýan döwlet tarapyndan berilýän maglumatlar**

2. ÝHHG-niň sebitinde artykmaç ÝAÝ ätiýaçlyk gorlary meselesine seredilende, maglumat ýygnamak möhüm ähmiýete eýedir. Agza döwletleriň degişli kömegi almaklary üçin, kömek üçin ýüzlenýän döwlet standart görnüşdäki sowalnamany doldurmaly (3-nji Goşundyda görkezilen nusgawy sowalnamasyna serediň).

**Kömegi/donor goldawyny berýän döwlet tarapyndan berilýän maglumatlar**

3. Maglumat ýygnamak bar bolan serişdeler we/ýa-da bilermen potensialy barada umumy düşünje almak üçin hem möhümdir. Şol sebäpli, kömegi/donor goldawyny berip biljek agza döwletlerden, zerur hasap edilende, adaty nusgadaky sowalnamany doldurmak ýoly bilen degişli maglumatlary bermegi soralyp bilner (4-nji Goşundydaky nusgawy sowalnamasyna serediň).

4. Kömek üçin haýyşlar, şeýle hem kömegi/donor goldawyny berip bilýän döwletler tarapyndan sowalnamalar arkaly berlen maglumatlar ähli agza döwletlere we Jedelleriň öňüni alyş merkezine (JÖAM) iberiler. Kömegi/donor goldawyny soraýan we berýn agza döwletler bu iş bilen baglanyşykly goşmaça maglumatlary hem berip bilerler.

**D. Kömegi bermegiň jikme-jik mehanizmi**

1. Agza döwletiň kömek boýunça haýyşyna seredilmegiň tertibi aşakdakylardan ybarat bolar (salgylanma üçin 2-nji Goşundydaky surata serediň):

i) ÝHHG-niň gelip gowşan kömek üçin haýyşa ilkinji jogap hökmünde HSHF-yň Başlygy ýa-da bellenen ÝAÝ Taslamalary boýunça Utgaşdyryjysy, Hereket edýän Başlyk (HB) bilen ýakyn hyzmatdaşlykda maslahatlara we HSHF-y bellenen tertipde habarly etmäge başlaýar we goşmaça maglumatlar ýa-da düşündirişler üçin ýüzlenýän agza döwlet bilen habarlaşyp biler. Munda, ýüzlenýän döwlet tarapyndan degişli çakylyk berlen ýagdaýynda, deslapky tehniki-ykdysady esaslandyryş geçirilip bilinjek ilkinji sapar gurnalyp bilner. Kömegi/donor goldawyny bermäge ukyply döwletleri kesgitlemek we olar bilen habarlaşmak, şeýle hem ÝHHG-niň degişli guramalary we institutlary bilen aragatnaşyk gurmak üçin maslahatlar geçiriler. JÖAM beýleki halkara guramalary (HG) we hökümete dahylsyz guramalar (HDG) bilen aragatnaşyk saklamaga kömek eder. Zerur bolan halatynda, JÖAM HSHF-yň Başlygyna we Hereket edýän Başlyga haýyşnana jogap bermekde tehniki kömegi berip biler;

ii) kömek haýyşnamasyna jogap hökmünde, bir ýa-da birnäçe bilermen baha berilmegini guramak maksadalaýyk hasap edilip bilner. Ondan soňky tehniki baha beriş saparlary, ÝHHG-niň sanawyndan tehniki bilermenlerden we degişli döwletler tarapyndan üpjün edilýän işgärlerden düzülen bilermenler topary tarapyndan amala aşyrylar.
Bu bilermen toparlara halkara we hökümete dahylsyz guramalaryň wekilleri girip biler. ÝHHG proseduralaryna laýyklykda, maliýeleşdiriljek baha beriş saparlary, ýüzlenýän döwletiň razyçylygy we ýakyn hyzmatdaşlygynda geçiriler. Eger ýüzlenýän döwletde ÝHHG-niň ýerlerdäki amallary ýerine ýetirilýän bolsa, onda ÝHHG-niň ýerlerdäki amallary, zerur bolan halatynda maslahat we baha beriş işine hem gatnaşyp biler. HSHF-nyň Başlygy tarapyndan bellenen toparyň ýolbaşçysy ýa-da bellenen wekil baha beriş prosesi tamamlanylandan soň jemleýji hasabaty iberer;

a) bilermenler topary ýagdaýa şu nukdaýnazardan baha berer:

1) ätiýaçlyk gorlarynyň düzümi (ýeňil we atyjy ýaraglaryň häsiýeti we görnüşi, olaryň mukdary);

2) howpsuzlyk şertleri, şol sanda ätiýaçlyk gorlaryny dolandyryşy bilen baglanyşykly ugurlar;

3) bu ätiýaçlyk gorlarynyň döredýän howpyna baha bermek;

b) haýyş bilen ýüzlenýän döwlete, şeýle hem HSHF-yna, HG we ÝAÝ taslamalary boýunça aragatnaşyk nokatlaryna iberilýän baha beriş hasabatynda aşakdakylara degişlilikde çäreler üçin teklipler bolar:

1) ýok edilmeli ätiýaçlyk gorlarynyň bir bölegi;

2) ulanylmaly howpsuzlyk proseduralary we talaplary;

3) çykdajylara we beýleki netijelere baha bermek;

4) saklanyş şertleri we fiziki howpsuzlygy üpjün etmek;

5) has gaýragoýulmasyz çäreleri görmek;

iii) maslahat we baha berişden soň, HHF-y kömek haýyşnamasyny ýerine ýetirmegiň amaly we maliýe netijelerine, şeýle hem amala aşyryp biljek hyzmatdaşlaryň meselesine sereder. Teklip edilýän kömegiň berilmegi, ÝHHG-niň ýerli amalynyň mandatyna üýtgetme girizilmegini talap etse ýa-da ÝHHG üçin maliýe täsiri bar bolsa, HHF HG bilen maslahatlaşyp, HG tarapyndan kabul edilmek üçin karar taslamasyny taýýarlar;

iv) ýokardaky tapgyrlaryň dowamynda toplanan maglumatlara esaslanyp, JÖAM goldawy bilen toparyň ýolbaşçysy, ýerine ýetiriji hyzmatdaş bilen, zerur bolan halatynda degişli ýerli wekiliýet/amal bilen, maliýe zerurlyklarynyň jikme-jikliklerini goşmak bilen anyk taslama meýilnamasyny taýýarlar. Taslama meýilnamasy kömegi/donor goldawyny berýän döwletleri bilen ylalaşylandan soň, maglumat üçin HHF-yna iberiler we degişli ýagdaýda tassyklamak üçin ýakyn hyzmatdaşlykda – Hereket edýän Başlyga we zerur bolan ýagdaýynda, HG - e iberiler;

v) taslama topary taslama meýilnamasyny durmuşa geçirýän döwründe kömegi/donor goldawyny berýän döwletlere, ýüzlenýän döwlete, şeýle hem HHF-yna, HG-e we eger gatnaşýan bolsa, ÝHHG-niň ýerli wekiliýetine/amalyna maglumatlary ýetirip durar;

vi) taslama tamamlanylandan soň, taslamanyň ýolbaşçysy netijeler barada gutarnykly hasabaty HHFynae we zerur bolan ýagdaýynda, HG-e iberer. Bu hasabatda öwrenilen sapaklara we dowam etdirip boljak çärelere aýratyn üns berler;

vii) ilkinji maslahatlardan soň, ÝHHG-niň gönüden-göni gatnaşmagyndan ýüz öwürmek kararyna gelip bilner. Şeýle çözgüt, ýüzlenýän döwlet bilen donoryň arasyndaky aýratyn ylalaşyga esaslanyp biler.

ÝHHG-nyň gönüden-göni gatnaşmagy göz öňünde tutulmadyk ýagdaýlarda, HHF-yň Başlygy, Hereket edýän Başlyk we JÖAM-iň kömegi bilen, utgaşdyrmak wezipeleriniň bir bölegi hökmünde ýüzlenýän döwlet bilen potensial donorlaryň, beýleki döwletleriň, sebit we halkara guramalar ýa-da hökümete dahylsyz guramalar arasyndaky gatnaşyklary saklamaga ýardam berer. Edilen işler barada hasabat HHF-yna we HG iberiler.

**E. Geljekde seretmek üçin elementler**

1. HSHF-y, HG-e goşmaça maliýe we adam resurslaryny çekmek, şeýle hem işgärleri taýýarlamak arkaly V babyň meýilnamasynyň ýerine ýetirilmegini aňsatlaşdyrýan mehanizmleri gözden geçirmegi maslahat berýär. Şeýle mehanizmler aşakdakylary öz içine alyp biler:

- Ýşýeňil we atyjy ýaraglar babatynda kömek bermek üçin meýletin goşant gaznalaryny ýa-da beýleki maliýe gurallaryny döretmek;

- ÝHHG-niň sanawyndan, REACT programmasyndan we gyzyklanýan döwletlerden ÝAÝ boýunça bilermenleriň göçme toparyny ulanmak.

2. Agza döwletler tarapyndan şeýle kömek soralanda, JÖAM-ne ÝAÝ meseleleri boýunça bilermen kömegini gönüden-göni we/ýa-da missiýalar arkaly bermek ýa-da dolandyrmaga taýyn bolmak teklip edilýär. JÖAM-ne elýeterli ÝAÝ boýunça bilermenleriniň sanawyny ýöretmek tabşyrylýar. ÝHHG-niň düzümleriniň arasynda, JÖAM-ne şol sanda işgärleri taýýarlamagy höweslendirmek arkaly, ÝHHG-niň ÝAÝ baradaky resminamasy hakynda habardarlygy ýokarlandyrmaga çagyrylýar.

3. HHF-yna V bap boýunça meýilnama tassyklanandan soň, hereketleriň utgaşdyrylmagyny gowulandyrmak we ÝAK pudagynda halkara derejesinde hyzmatdaşlygy ösdürmek maksady bilen beýleki degişli halkara agzalara habar berilmegini maslahat berýär.

**F. Jemleýji düzgünler**

1. JÖAM, ÝAÝ bilen baglanyşykly taslamalar boýunça ÝHHG bilen beýleki halkara guramalarynyň we instiutlarynyň arasynda aragatnaşyk nokady hökmünde çykyş eder.

# KÖMEK BERMEK HAÝYŞNAMASYNA SERETMEK PROSEDURASYNYŇ ŞEKILI

**Kömek üçin haýyşnama** (HHF-yna ýazmaça görnüşindäki haýyşnama ýa-da degişli ýagdaýlarda ÝHHG-yň ýerli wekiliýetine/amalyna)
- Jikme-jiklikler haýyşnama bilen bilelikde gelýän sowalnamada berilýär

**Haýyşnama boýunça maslahatlar:** (Zerurlyk ýüze çykanda, HSHF-yň başlygy ýa-da ÝAÝ taslamalary boýunça Hereket edýän Başlyk bilen ýakyn hyzmatdaşlykda geçirilýär).
- Goşmaça maglumat / düşündiriş almak üçin ýüzlenýän döwlete ýüz tutulyp bilner; ýüzlenýän döwlet başlangyç sapary geçirmegi teklip edip biler.
- Kömegi/donor goldawyny berip bilýän döwletleri kesgitlemek we olar bilen aragatnaşyk gurmak.
- JÖAM beýleki HG we döwlete dahylsyz jemgyýetçilik guramalary bilen aragatnaşyk saklamaga kömek edýär.
- Zerur bolan ýagdaýynda, ÝHHG-niň beýleki guramalary we institutlary bilen aragatnaşyk saklamak.
JÖAM ähli tapgyrlarda tehniki kömek berýär.

(fakultatiw tertipde: gaýtalanyp bilner)

**Bilermen bahalandyrmasyny geçirmek**
- ÝHHG-niň sanawyndan we agza-döwletlerden tehniki bilermenler wegGyzyklanýan döwletlerden işgärle;
HG we döwlete dahylsyz jemgyýetçilik guramalarynyň işgärleriniň gatnaşmagy mümkindir.
- HSHF-yň başlygy tarapyndan bellenen topar ýolbaşçysy ýa-da bellenen wekil,
- Ýüzlenýän döwlet bilen hyzmatdaşlyk.
**Baha bermek hasabatyny tabşyrmak**
- Ýüzlenýän döwlete, HHF-yna, HG, ÝAÝ boýunça taslamalaryň aragatnaşyk punktyna.

**Operatiw/maliýe netijeleri kesgitlemek**
- HSHF-y operatiw/maliýe netijeleri kesgitleýär
- Hemişelik Geňeşiň karary bolup biler (gerek bolan ýagdaýynda, ýerli wekiliýetiň/amalyň mandaty; goşmaça býüjet; meýletiň gaznanyň döredilmegi we ş.m.)

**Taslamanyň jikme-jik meýilnamasyny düzmek**
- Topar ýolbaşçysy JÖAM-niň we degişli ýagdaýlarda ýerli wekiliýetiň/amalyň kömegi bilen, şeýle hem amala aşyrmak boýunça hyzmatdaş bilen taslamanyň jikme-jik meýilnamasyny düzýär.
- Donorlaryň we ýüzlenýän döwlet arasyndaky ylalaşyk.
- Taslama meýilnamasy bilen HHF-y, Hereket edýän Başlygy tanyşdyrmak

**Taslama meýilnamasynyň durmuşa geçirilmegi**
- Geçirilýän işleriň (häzirki) ýagdaýy donorlara, ýüzlenýän döwlete, HHF-yna, HG-e iberilýär

**ÝHHG-nyň gönüden-göni gatnaşmazyndan**
- Ýüzlenýän ýurt bilen donor ýurduň arasynda aýratyn ylalaşyk bolup biler
- ÝHHG potensial donorlar bilen aragatnaşyklara ýardam bermeli
(döwletler, halkara guramalar we döwlete dahylsyz guramalar)

**HSHF-yna, HG-e jemleýji hasabaty tabşyrmak**
- ÝHHG-niň resmi işini jemleýär.
- Öwrenilen sapaklar we mümkin boljak soňraky hereketler.

**ÝÜZLENÝÄN DÖWLET ÜÇIN SOWALNAMANYŇ NUSGASY**

1. Ýeňil we atyjy ýaraglaryň, şol sanda göçme zenit raketa toplumlarynyň haýsy artykmaçlyklary barada gürrüň edilýär?

Bu bentde, ýüzlenýän döwlet her kategoriýa üçin aşakdakylary görkezýär:

- artykmaçlyklaryň düzümi;

- mukdary;

- artykmaçlyklaryň ýagdaýy (könelişen, zeper ýeten, poslan we ş.m.);

- ýerleşýän ýeriniň geografiki beýany.

2. Bu artykmaçlyklaryň döredýän howpunyň häsiýeti we derejesi nähili?

Bu artykmaçlyklaryň döredýän howpunyň häsiýetine we derejesine umumy baha bermek aşakdakylary öz içine almalydyr:

- degişli ätiýaçlyk gorlarynyň ýagdaýy (esasan hem ýerli ilata täsiri), şeýle hem sabotaždan, ogurlykdan, rugsatsyz girmekden, terrorçylykdan we beýleki jenaýatçylykly hereketlerden fiziki gorag çäreleri;

- degişli artykmaçlyklaryň howpsuzlyk şertleriniň, şol sanda saklanyş şertleriniň, tehniki faktorlaryň we ammar desgalarynyň tehniki hyzmat ediş tertibininiň ýagdaýy;

- saklamagy dolandyryş we saklanyş şertleri;

- soňky döwürde bolup geçen wakalar/heläkçilikler we görülen çäreler barada jikme-jik maglumatlar.

3. Bu artykmaçlyklara degişlilikde ýüzlenýän döwletiň niýeti näme?

Bu ýerde ýüzlenýän döwletler, bu artykmaçlyklary nähili maksat edinýändiklerini görkezmeli:

- olary ýok etmek ; ýa-da

- baha berlende kesgitlenen töwekgelçilikleri we howplary çözmek üçin saklanyş şertlerini gowulandyrmak.

4. Haýsy serişdeler bar?

Bu bendiň maksady, ýüzlenýän döwletlerden olarda bar bolan serişdeleriň häsiýetini, mukdaryny we mümkinçiligini görkezmek bolup durýar, şeýle hem olaryň mümkin bolup biläýjek:

- häzirki wagtda ýüze çykarylan käbir meseleleri özbaşdak çözmek üçin ulanmak;

- daşary ýurt kömek toparlary üçin olary elýeterli etmek.

Mysal üçin:

- ýeňil we atyjy ýaraglary ýok etmek ýa-da saklamak bilen gönüden-göni baglanyşykly tehniki serişdeler;

- dürli zerur çäreleri (ulag, işgärleriň ýaşaýyş jaýy we ş.m.) goldamak üçin beýleki ähli maddy-tehniki serişdeleri;

- mümkin boljak maliýe goşantlary.

5. Nähili kömek soralýar?

Dürli töwekgelçilikleri we howplary we ýokarda agzalan serişdeleriň elýeterliligini nazara almak bilen, ýüzlenýän döwletlerden bu bentde zerur bolan kömegiň görnüşini görkezmeli. Bu, meselem, aşakdakylary öz içine alyp biler:

- töwekgelçilige jikme-jik baha bermek;

- degişli ätiýaçlyk gorlaryny ýok etmek üçin maksatnamany işläp düzmek;

- artykmaçlyklary ýok etmek;

- ÝAÝ ýygnamak maksatnamasyny işläp düzmek we/ýa-da durmuşa geçirmek;

- ätiýaçlyk gorlarynyň dolandyrylyşyny kämilleşdirmek we olaryň howpsuzlygyny ýokarlandyrmak;

- ätiýaçlyklary ýok etmek, dolandyrmak we olaryň howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça işgärleri taýýarlamak;

- habardarlygy ýokarlandyrmak maksatnamasyny durmuşa geçirmek.

6. Öň talap edilen we/ýa-da berlen ikitaraplaýyn/köptaraplaýyn kömek barada jikme-jik maglumat

7. Habarlaşmak üçin şahs (HS) kim bolup durýar?

Habarlaşmak üçin şahsyň familiýasy, wezipesi we salgysy, telefon we faks belgileri, şeýle hem bar bolan ýagdaýynda, elektron salgysy görkezilmelidir. (Ref. FSC.DEC/4/08).

8. Zerur diýip hasaplaýan islendik goşmaça maglumatlary iberiň.

Goşundy VI

FSC.DEC/11/09
2009-njy ýylyň 25-nji noýabry
Goşundy 4

**KÖMEGI/DONOR GOLDAWYNY BERÝÄN DÖWLET ÜÇIN SOWALNAMA NUSGASY**

1. Nähili pul serişdeleri bar?

Aslynda, kömegi/donor goldawyny berýän döwletleriň kömek maksatnamalaryny maliýeleşdirmek üçin bar bolan serişdeleriň mukdaryny we bu serişdeleri ulanmagyň ileri tutulýan ugurlaryny we şertlerini ýa-da çäklendirmelerini görkezmegine garaşylýar.

2. Nähili bilermen potensialy bar?

Kömegi/donor goldawyny berýän döwletler bu ýerde, ÝAÝ ätiýaçlyklar gorlaryna degişli aşakdaky ugurlaryna kömegi nähili bilermen potensialy arkaly amala aşyrjkdygyny mümkin boldugyndan anyk görkezmeli:

- töwekgelçilige baha bermek;

- ýok etmek maksatnamalaryny işläp düzmek we bu maksatnamalaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek;

- ätiýaçlyk gorlaryny dolandyryş;

- ätiýaçlyk gorlarynyň howpsuzlygyny üpjün etmek;

- ÝAÝ ýygnamak maksatnamalaryny işläp düzmek we durmuşa geçirmek;

- tehniki/hukuk kömegi bermek, şeýle hem ýeňil we atyjy ýaraglaryň bikanun söwdasyny azaltmak üçin serhet gözegçiligini güýçlendirmekde kömek bermek;

- ýeňil we atyjy ýaraglary ýok etmek ýa-da ätiýaçlyk gorlaryny dolandyryş bilen baglanyşykly işgärleri taýýarlamak.

Olar bu bilermen potensialynyň ulanylmagy we bilermenleriniň gatnaşmagyndaky ileri tutulýan ugurlar we şertler ýa-da çäklendirmeler barada hasabat bererler.

3. Başga nähili serişdeler bar?

Ýokardaky görkezilişi ýaly, kömegi/donor goldawyny berýän döwletler bu ýerde bar bolan dürli serişdeleri barada habar berýärler we olary ulanmagyň ileri tutulýan ugurlaryny, şertlerini we çäklendirmelerini görkezýärler.

4. Habarlaşmak üçin şahs (HŞ) kim bolup durýar?

Habarlaşmak üçin şahsyň familiýasy, wezipesi we salgysy, telefon we faks belgileri, şeýle hem bar bolan ýagdaýynda, elektron salgysy görkezilmelidir. (Ref. FSC.DEC/4/08).

5. Zerur diýip hasaplaýan islendik goşmaça maglumatlary iberiň.